# Dört ymamyň akydasy

[ Turkmen – Türkmençe – تركماني ]

**Ýazan: Muhammed bin Abdur-Rahman**

**El-Humeýýis**

Terjime eden we gözden geçiren:

Allanyň rehmedine umyt baglaýan bende

# اعتقاد الأئمة الأربعة

المؤلف: محمد بن عبد الرحمن الخميس

ترجمة ومراجعة: العبد الراجي رحمة ربه

# Sözbaşy

Ähli hamdu-senä diňe Allahadyr! Oňa hamd aýdýarys, Ondan ýardam we magfyret (bagyşlanmak) soraýarys! Nebislerimiziň şerinden we ýaman amallarymyzdan Ondan pena soraýarys! Alla kime hidaýet etse (ýagny, ony dogry ýola salsa), ony ýoldan azaşdyrjak ýokdur! We kimi azaşdyrsa, ony dogry ýola saljak hem ýokdur!

Alladan başga ybadata mynasyp, hiç bir ilähiň ýokdugyna şaýatlyk edýärin! Ol ýeketäkdir we Onuň şärigi hem ýokdur! We Muhammediň-sallallahu aleýhi we sellemiň- Onuň bendesi we resulydygyna (pygamberidigine) şaýatlyk edýärin!

«Eý iman edenler! Alladan çyn gorky bilen gorkyň we diňe musulman bolup dünýäden ötüň”. (Äli-Ymran:102).

«Eý ynsanlar! Sizi bir nefisden (ýagny, bir jandan, Adamdan) ýaradan we ondan hem jübütini (ýagny, aýalyny) ýaradan, şeýle hem ol ikisinden ençe erkekler we zenanlar ýaýradan Rebbiňizden gorkyň. Alladan gorkyň, siz Onuň adyny agzap biri-biriňizden dilegçilik edýärsiňiz, garyndaşlyk hukugyny äsgermezlikden hem ägä boluň. Alla siziň üstüňizde gözegçidir”. (Nisa:1).

«Eý iman edenler! Alladan gorkyň we dogry söz sözläň. Şonda Alla işleriňizi düzelder we günäleriňizi bagyşlar. Kim Alla we Onuň resulyna boýun bolsa onda ol uly bir utyş gazanar».(Ahzap:70-71).

Hakykatda sözleriň iň dogrysy Allanyň kelamy, ýollaryň iň ýagşysy hem Muhammediň-sallallahu aleýhi we sellemiň-ýolydyr. Amallaryň iň ýamany bolsa täze toslanyp tapylanydyr. Täze toslanyp tapylan her amal bidgat, her bidgat zalalat (ýagny, ýoldan çykmaklyk), her zalalat bolsa Jähennemdedir.

***

# BIRINJI BÖLÜM.

## Iman meselesinden başga, akyda meselelerinde dört ymam mezhebleriniň ynançlarynyň birdigini beýany

Dört mezheb ymamlary - Ymam Ebu – hanifa, Ymam Mälik, Şärigi, we Ahmet - dagylaryň akydalary, Kuran we Hadysa deň gelen, sahabalaryň we olara haýyrda eýeren tabigynleriň ygtykady (akydasy, ynanjy) ýalydyr.

Bularyň arasynda – Alla tagala öwgi-hamdlar bolsun – akyda meselesinde düşünüşmezlik ýokdur, gaýta tersine olar Allanyň sypatlaryna iman etmekde, Kuran Allanyň sözüdigine we onuň ýaradylan (mahluk) däldigine, we iman hem kalpda we ony diliň tassyk etmesi bilen bolýandygyny bir agyzdan ylalaşandyrlar.

Olar kelamçylara[1] we grek pelsepesinden täsirlenen jähmilere we başgalary inkär edip olara berk gaýtawul berendirler.

**Ibn Teýmiýýe[2] aýtdy:** "...Ýöne Allanyň bendelerine eden rehmedi bilen, dört ymam we başga-da bu ymmatyň dogry sözli ymamlary, kelamçylardan (pelsepeçilerden) bolan «jähmileriň» Kuran barada, iman we Allanyň sypatlary barada aýdan sözlerini inkär edýändirler. Olar selefleriň[3] ynanyşy ýaly Allanyň ahyretde görülýändigini, Kuran Allanyň sözüdigini – onuň mahluk

[1] Keläm ähli: "Olar grek pelsepesinden täsirlenip, öz akyllaryna görä Alla tagalanyň sypatlaryna şekil ýa-da başga bir many berip we akyllarynyň kabul etmedik sypatlaryny inkär edýän, azaşan taýpalardyr".
[2] Takyý-ýuddin Ahmed ibn Teýmiýýe: "Şeýh ul-Islam" adyny alan ýedinji hijri asyrda ýaşap geçen uly alymlaryň biri".
[3] Selef: "Sahabalar we tabygynlar we olaryň ýollaryna eýeren alymlar".

däldigini, we imanda ýüregiň we diliň tassyk etmelidigine bir agyzdan ylalaşandyrlar».[1]

**Ibn Teýmiýýe aýtdy:** «Meşhur ymamlaryň ählisi, Alla tagalanyň sypatlaryny ykrar edip şeýle diýdiler: «Kurany-Kerim Allanyň sözüdir, mahluk (ýaradylan) däldir, we Alla tagala ahyretde görülýändir, bu sahabalaryň we olara haýrda eýeren tabigynlaryň, ähli-beýtiň we ýene-de Mälik ibn Enes,es-Sewriý, Leýs ibn Sa'd, El-Ewzagyý, Ebu-Hanifa, Şäfigi, we Ahmet ýaly olara eýeren ymamlaryň mezhebidir».[2]

Şeýhul-Yslam ibn Teýmiýýe ymam Şafygynyň ygtykady barada soralanda şeýle jogap berýär:

«Ymam Şafygy, we ymam Mälik, es-sewriý, El-Ewzagyý, Ibnul-Mubärek, Ahmet ibn Hanbel, we Ishak ibn Rohaweýh ýaly ymmatyň ilkinji musulmanlarynyň ygtykady, Fudeýl ibn Iýad, Ebu-Süleýman ed-Daraniý, Sahl ibn Abdullah et-Tesetturiý we beýlekiler ýaly görelde alynýan ymamlaryň ygtykady (ynanjy, akydasy) ýalydyr. Çünki bu ymamlaryň arasynda diniň asyl (akyda, ynanç) meselelerinde hiç-hili bölünişik ýokdur. Edil şunuň ýaly hem Ebu-Hanifanyň hem: Töwhid, takdyr (ýazgyt) we ş.m... baradaky akydasy şu ymamlaryň ygtykady ýalydyr. Bu ymamlaryň akydasy hem sahabalar we olara haýyrda eýeren tabigynlaryň bolan zatlary ýalydyr, olary hem Kuran we Sünnet ykrar edendir».[3]

Uly alym **Syddyk Hasan Han** hem şuny saýlandyr: «Biziň mezhebimiz, selefiň (irki musulmanlaryň) mezhebi bolup, Allanyň sypatlaryny meňzetmesiz kabul etmekdir we (ol gözler atlarynyň manylaryny) boşa çykarmasyzdan päkleýandiris. Ine şu-da yslam ymamlary Mälik, Şafygy, es - Sawriý, ibnul-Mübärek we ymam Ahmet we başgalaryň mezhebidir. Çünki bu

[1] Kitäbul-Iman:350-351
[2] Minhäj Sunna: (2: 106).
[3] Mejmug-Fetawa: (5: 206).

ymamlaryň arasynda diniň asyl (akyda, ynanç) meselelerinde hiç-hili bölünişik ýokdur. Edil şunuň ýaly hem Ebu-Hanifanyň hem: Töwhid, takdyr (ýazgyt) we ş.m... baradaky akydasy şu ymamlaryň ygtykady ýalydyr. Bu ymamlaryň akydasy hem sahabalar we olara haýyrda eýeren tabigynlaryň bolan zatlary ýalydyr, olary hem Kuran we Sünnet ykrar edendir».[1]

Aşakda Ebu-Hanifa, Mälik, Şafygy we Ahmet ibn Hanbel ýaly görelde tutulyp eýerilen ymamlaryň diniň esaslaryna degişli meselelerde edýän ygtykatlarynyň we kelamçylara (pelsepeçilere) garşy durumlary baradaky birnäçe sözlerini ýetirmekçi.

***

[1] Katfus-semerot: (47-48).

# IKINJI BÖLÜM

## Ymam Ebu Hanifanyň -Alla oňa rehim etsin- akydasy

### Ymam Ebu Hanifanyň töwhid barada aýdan sözleri:

**Birinji: Allany birlemek baradaky akydasy (ynanjy), şergy[1] tewessulyň[2] beýany we bidgaty[3] tewessulyň bolmaýanlygy hakyndaky akydasy.**

1) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Allanyň adyndan başga bir at bilen Oňa doga-dileg etmek bolýan däldir. Çünki (dinde) rugsat berilen we buýrulan doga-dileg, Alla tagalanyň şu sözünden alynandyr: “Iň gözel atlar Allanyňkydyr, şeýle bolsa, bu atlar bilen Oňa dileg-doga ediň (ýalbaryň)! Onuň ady babatda hakdan azaşanlary terk ediň! Olar edenleriniň jezasyny çekerler” (Agraf:180).[4]

2) Ebu Hanifa aýtdy: “Pylanynyň haky bilen ýa pygamberleriň, resullaryň haky üçin ýa-da Käbäniň we Meş'aril-Haramyň (Muzdelifäniň) haky üçin soraýaryn» diýmeklik ýigrenilýär”.[5]

3) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alladan başga hiç bir zadyň adyndan doga-dileg edilmeli däldir, «Seniň Arşyň beýikliginiň hormatyna» ýa «Seniň ýaradan mahluklaryň haky üçin» diýip dileseler ýigrenýärin».[6]

---

[1] Şergy: «Dinimizde rugsat berilen».
[2] Tewessul: «Bir zady Alla bilen araçy, ortak goýmaklyk».
[3] Bidgat: «Dinimizde ýok toslanan zatdyr».
[4] Ed-dur el-Muhtar ma' häşiýeti roddul-Muhtar (6: 396-397).
[5] Şerh Akyda Tahawiýýa - 234. Ittihäfus-Sädatul Muttakyn-2/285. Koriniň Şerh Fykhul-Ekber kitaby, sah- 198.
[6] Ymam Ebu-Hanifa we Muhammet ibn Hasan adam dileg edende: "Eý Allahym! Men Senden, Seniň Arşyň beýikliginiň hormaty üçin ..." diýip doga etmegine (Kurandan we Hadysda) delil ýoklugy sebäpli ýigrenerdiler.Emma Ebu Hanifanyň ýoldaşy hadysdan ugur alyp muny rugsat

Ikinjisi: Allanyň sypatlaryny ykrar edip, jähmilere gaýtargy berişi:

4) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla tagala mahlukatlaryň sypatlary bilen sypatlandyrylmaly däldir, «Nähili» diýen sorag berilmesi Onuň gazaby, razylygy Onuň sypatlaryndan-dyr, ine şu ähli sünnet we jemagatyň akydasydyr. Allanyň gahary hem gelýändir we razy hem bolýandyr. Ýöne: «Onuň gahary – jeza bermekligi, razylygy bolsa, berjek sogabydyr» diýmeris. Ol Özüni: «Ahat (ýeketäk), es-Samad (ähli hajatlar soralýan, we Ol hiç kime mätäç däl), dogurmadyk we dogulmadyk. Onuň deňitaýy ýok. Ol diri, kadyr (ähli zady başarýar), her bir zady eşidýär, her bir zady görýär, her bir zady bilýär. Allanyň eli olaryň elleriniň üstündedir, Onuň eli mahlukatlaryň eli ýaly däldir, Onuň ýüzi heaýtdym mahlukatlaryň ýüzi ýaly däldir" diýen şekilde nähili nähili wasp eden bolsa, biz hem Ony edil şonuň ýaly wasp edýäris.[1]

5) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla tagalanyň Kuranyda ýatlap geçişi ýaly, Onuň eli, ýüzi, nebsi (Özi) bardyr. Allanyň Kuranda ýatlap geçen ýüz, el, nebs (Özi) ýaly sypatlary, «Nähili» sorag berilmesizden onuň hakyky sypatlarydyr. We: «Onuň eli – Onuň gudraty (güýji, başarjaňlygy) ýa-da nygmaty» diýilmez. Beýle diýmeklik, Onuň sypatyny ibtal etmeklikdir (boşa çykarmaklykdyr, inkär etmeklikdir), bu bolsa (azaşan

berendir. Pygamber –sallallahu aleýhi wesellem- dogasynda: "Allahym! Men, Senden Arşyň beýikliginiň hormaty üçin, we Kitabyňdaky soňsuz rehmediň hormaty üçin ýalbarýaryn...". Bu hadysy Beýhaky "ed-Da'watul-Kebiro" atly kitabynda rowaýat edendir. El-Binaýede-de (9/382) belgide gelýär, we Nasbur-Roýa kitapda bolsa (4/272). Bu hadysyň senedinde (ýagny, hadysy zynjyr boýunça geçiren adamlarda) üç sany gödek kemsizlikler bardyr, bular:

1 – Dawud ibn Ebi-Asym, Ibn Mesutdan hadys eşitmedikdir.

2 – Abdul – Melik ibn Jüreýj galplaşdyryjy (mudellis), we hadyslary murseldir.

3 – Amr ibn Harun ýalançy diýilip tanalandyr. Şunuň üçin ibn-Jewziý "El-Binäýä" kitapda (9/382) şeýle diýdi: "Şübhesiz bu hadys "mowzu'dyr" (toslanandyr), zynjyry hem görüp duruşuňyz ýaly puja çykandyr'.Seret: "Tehzibut-Tehzib (3/189.) (6/405.) (7/501.)

[1] El-Fykhul-Absat: sah-56.

akymlardan bolan) «Kadariýýeleriň» we «Mu'tezile-leriň» garaýşydyr.[1]

6) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Hiç kim özüçe Alla tagala hakynda hiç söz aýtmaly däldir, gaýta, Allanyň Özi - Özüni sypatlandyrandyryşy ýaly sypatlandyrmalydyr. Öz oý - pikirine görä Ol barada hiç zat gürlemeli däldir. Älemleriň Rebbi bolan Alla aýyplardan päkdir, beýikdir we haýry köpdür.[2]

7) Haçanda Ebu-Hanifa Allanyň asmandan ýere inişi barada soralanda ol: «Inýändir! Ýöne «Nähili» diýmeýäris» diýip jogap berýär.[3]

8) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Doga-dileg edilende ýokardan soralýar, aşakdan soralýan däldir, çünki aşaklyk Reblik we ylahlyk sypatyndan däldir».[4]

9) Ebu Hanifa aýtdy: «Allanyň gahary hem gelýändir we razy hem bolýandyr. Ýöne: «Onuň gahary – jeza bermekligi, razylygy bolsa, berjek sogabydyr» diýmeris.[5]

10) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Ol Öz ýaradan zatlarynyň hiç-haýsyna meňzeýän däldir, we mahluklardan (ýaradylanlar-dan) hem hiç zat Oňa meňzeş däldir, ol ebedi-ezeli sypatyndadyr».[6]

11) Ebu Hanifa aýtdy: «Onuň sypatlary mahlukatlaryň sypatyndan gaýry sypatdyr. Allanyň ylmy biziň ylmymyz ýaly

[1] El-Fykhul-Ekber: sah - 302
[2] Şerh Akyda Tahawiýýa: (2/427). Tahkyk D. Turki: "Jeläul-Aýneýn", sah-368.
[3] Akydatus-Selef Ashabul-Hadys, sah-42. Neşirýat: "Därus-Selefiýýe", Esma-wes-Syfat lil-Beýhaky, sah-456. Kewseri bu barada zat aýtmady. Şerh Akyda Tahawiýýa: sah-245. Tahrijul-Albani. We Karynyň Şerh Fykhul-Ekber kitaby: sah-60.
[4] Fykhul-Absat: sah-51.
[5] Fykhul-Absat:sah-56
[6] Fykhul – Ekber: sah-301

däldir, Gudraty (güýji, başarjaňlygy) biziň güýjimiz ýaly däldir, görşi biziň görşimiz ýaly däldir, eşidişi biziň eşidişimiz ýaly däldir, we sözleýşi biziň sözleýşimiz ýaly däldir».[1]

12) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla mahlukatlaryň sypatlary bilen sypatlandyrylmaýar».[2]

13) Ebu Hanifa aýtdy: «Kim Allany adamlaryň sypatlarynyň bir sypaty bilen sypatlandyrsa, ol kapyrdyr».[3]

14) Ebu Hanifa aýtdy: «Onuň sypatlary:

**1 – Zäti** (ýagny, Özünde bar sypaty, Özi bilen bagly) sypaty.

**2 – Işlik sypaty** (işleri bilen bagly sypaty).

Zäti sypatyna mysal: dirilik, güýç-başarjaňlyk, ylym, kelam (gürlemek), eşidiş, görüş, isleg.

Işlik sypatyna mysal: ýaratmak, rysklandyrmak, bedeni-ruhy terbiýe berip ýetişdirmek, döretmek, ýasamak – şekil bermekdir. We başga-da birnäçe işlik sypatlarynyň ezeli we ebedi eýesidir.[4]

15) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla tagala häli-häzir Öz işini edijidir we iş etmeklik Onuň ozaldan bäri sypatydyr. Iş ediji Alla tagaladyr, we iş etmeklik Onuň ozaldan bäri sypatydyr, edilen iş bolsa mahlukdyr (ýaradylandyr) we Alla tagalanyň iş edijilik sypaty mahluk däldir».[5]

16) Ebu Hanifa aýtdy: «Kim: «Rebbim asmandadygyny ýa-da ýerdedigini bilmeýärin» diýse, ol kapyrdyr, şeýle hem:

[1] Fykhul – Ekber: sah- 302
[2] Fykhul-Absat:sah-56
[3] Akyda Tahawiýa, Albaniniň düşündirişi bilen: sah-25.
[4] Fykhul – Ekber: sah-301
[5] Fykhul – Ekber: sah-301

«Alla Arşyň üstündedir, ýöne Arş asmanda-dygyny ýa-da ýerde-digini bilmeýärin» diýse, ol kapyrdyr».[1]

17) Ondan, «Ybadat edýän ylahyň nirede?» diýip soran aýala: «Alla subhanahu we tagala ýerde dälde, asmada-dyr» diýende, oňa bir erkek adam: «Alla tagalanyň: «we Ol siziň bilen - biledir» diýen sözi barada näme diýersiň?» diýende,[2] Ol: «Bu seniň ýanyňda bolmadyk adamyňa: «Men seniň bilendirin» diýip hat ýazyp hem, seniň ondan daşdalygyň ýalydyr.

18) Ebu Hanifa aýtdy: «Allanyň eli olaryň elleriniň üstündedir,ýöne Onuň eli mahlukatlaryň elleri ýaly däldir».[3]

19) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Takyk, Alla tagala ýerde däl-de asmanda-dyr» diýende, oňa bir erkek adam: «Alla tagalanyň: «we Ol siziň bilen - biledir» diýen sözi barada näme diýersiň?» diýende, Ol: «Bu seniň ýanyňda bolmadyk adamyňa: «Men seniň bilendirin» diýip hat ýazyp hem, seniň ondan daşdalygyň ýalydyr.[4]

20) Ebu Hanifa aýtdy: «(Musa pygamber bilen duşuşykda) Hut Onuň Özi gürländir, we Onuň gürlän kelamy, Musa aleýhys-salamyň kelamy däldi».[5]

21) Ymam Ebu Hanifa aýtdy**:** «Onuň Özi kelam bilen gürlär. Kelam Onuň ozaldan bolan sypatydyr».[6]

---

[1] Fykhul-Absat: sah-46, Şeýhul-Islam ibn Teýmiýýe: "Mejmu'-Fetawa"-da, (5/48).Ibn el-Kaýýim: "Ijtima'juýuş el-Islämiýýe"-de sah-139. Zehebi: "el-Uluw"-da: 101-102. Ib Kudama: "el-Uluw"-da sah-116. Ibn Ebil-Yrakyý: "Şerh Tahawiýýe" sah-301.
[2] Esmä wes-Syfat:sah-429.
[3] Fykhul-Absat, sah-56.
[4] Esmä wes-Syfat: (2/170).
[5] Fykhul – Ekber: sah-302
[6] Fykhul – Ekber: sah-301

22) Ebu Hanifa aýtdy: «Ol Alla gürleýändir, ýöne gürleýşi biziňki ýaly däldir».[1]

23) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Musa Allanyň kelamyny eşidendir».

Alla tagala aýtdy: «Alla Musa bilen göni (araçysyz) gürleşendir». Alla Musa bilen gürleşmezinden öň hem gürleýändir».[2]

24) Ebu Hanifa aýtdy: «Kurany-Kerim Allanyň kelamydyr (ýagny, mahluk däldir), sahypalara ýazylandyr, kalplarda ýat tutulyp saklanandyr, dillerde okalandyr, we Muhammet-sallallahu aleýhi weselleme – inendir».[3]

25) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Kurany-Kerim mahluk däldir (ýaradylan däldir)».[4]

***

[1] Fykhul – Ekber: sah-302
[2] Fykhul – Ekber: sah-302
[3] Fykhul – Ekber: sah-301
[4] Fykhul – Ekber: sah-301

# Ymam Ebu Hanifanyň takdyr barada aýdan sözleri

1) Ebu Hanifanyň ýanyna bir adam takdyr (ýazgyt) barada jedelleşmäge gelýär, şonda ol: «Takdyra seretjek bolýanyň mysaly,ol näçe güne siňňin seretdigiçe şonça gözi gamaşýan adamyň mysaly ýalydygyny bilmediňmi?! «diýýär.[1]

2) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla tagala ähli mahluklar (ýaradylanlar) intäk döremänkä, ähli boljak zatlary ozaldan bilýändir».[2]

3) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla ýok zady ýok halynda bilýändir, eger ony ýaradaýsa nähili boljagyny-da bilýändir. Alla tagala bar bolan zady hem bilýändir we onuň nähili ýitip gitjegini-de bilýändir».[3]

4) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Takdyr (ýazgyt) Lowhul Mahfuzda[4] ýazylgydyr».[5]

5) Biz Alla tagalanyň: «Olaryň eden ähli zatlary (amal) depderlerde (ýazylandyr). Kiçi-uly hemmesi setirme-setir ýazylandyr». (Kamar:52-53).

Galama ýazmagy emir edeninde, Galam hem: «Eý Rebbim, näme ýazaýyn?» diýende, Alla tagalanyň: «Kyýamat Gününeçenli boljak zatlary ýaz» diýeni-ni ykrar edýäris, ynanýarys.[6]

---

[1] Kalaid ukudul-Ykban: (k-77-b).
[2] Fykhul – Ekber: sah-302-303
[3] Fykhul – Ekber: sah-302-303
[4] Lowhul Mahfuz: “Hemme boljak zadyň takdyry ýazylan Alla tagalanyň dergähindäki kitap”.
[5] Fykhul – Ekber: sah-302
[6] El-Wasyýýa şerhi bilen: sah-21

6) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Şu dünýäde we ahyretde diňe Allanyň islän zadyndan başga hiç zat bolýan däldir».[1]

7) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla tagala ýaradan zatlaryny, ýokdan bar edendir».[2]

8) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla hiç zady ýaratmazdan öň Halyk[3] (Ýaradyjy) sypatyna eýedir».[4]

9) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Bendäniň özi, onuň amallary we ylmynyň mahlukdygyny ykrar edýäris (ynanýarys). Iş edýän kişi mahluk (ýaradylan) bolýan bolsa, onda onuň eden işleriniň mahluk bolmagy has hakly. [5]

10) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Bendeleriň ähli hereketleri, hereketsizlikleri olaryň özleriniň edýän işidir. Alla olary ýaradandyr, ol zatlaryň ählisi Allanyň islegi, ylmy we ýazan ýazgydy, kaza- kadary bilen bolýandyr».[6]

11) (Ýenede) Ebu Hanifa aýtdy: «Bendeleriň ähli hereketleri, hereketsizlikleri olaryň özleriniň edýän işidir. Alla olary ýaradandyr, ol zatlaryň ählisi Allanyň islegi, ylmy we ýazan ýazgydy, kaza- kadary bilen bolýandyr. Tagat-ybadatlaryň ähli Alla tagalanyň buýrugy, olary söýüp razy bolmaklygy, ylymy, islegi, ýazan-ýazgydyna görädir. Emma günä işler Onuň, ylymy, ýazan ýazgydy, kaza-kadary we (şergy dälde, kewni, barlykda bolmagy üçin ýaratmaklyk) islegi bilen bolup, Onuň ol günäleri söýmegi, razy bolmagy ýada buýrmagy bilen bolýan däldir.[7]

12) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla tagala adam ogullaryny onuň arkasyndan ownujak, zerre görnüşde çykardy.

---

[1] Fykhul – Ekber: sah-302
[2] Fykhul – Ekber: sah-302
[3] Ýaradyjy.
[4] Fykhul – Ekber: sah-304
[5] El-Wasyýýa şerhi bilen: sah-14
[6] Fykhul – Ekber: sah-303
[7] Fykhul – Ekber: sah-303

Soňra olara akyl berip, olara ýüzlenip iman etmeklerini buýrup, küpür etmeklerini bolsa gadagan etdi. Adamlar Onuň Rebdigini (ýaradan, rysklandyran, ýetişdirendigini) kabul etdiler. Bu olaryň imanydyr, olar şu fytratda (töwhitde) dogulýarlar. Mundan soň kapyr - bolan kapyr bolup, öz fytratyny (töwhidini şirke, ýada inkär etmeklik tarapa) üýtgedendir, iman getirip (pygamberiň getiren zadyny) tassyk eden bolsa, imanda berkändir we şol imanynda-da dowam eder gider».[1]

13) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla her bir zadyň takdyryny ýazandyr, şu dünýäde we ahyretde islegi, kaza-kadary, ylmy bolmasa hiç zat bolýan däldir, ähli zady Lowhul-Mahfuzda ýazandyr».[2]

14) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Alla tagala bendeleriň hiç-haýsyny kapyr bolmaga ýa-da iman getirmäge mejbur eden däldir,gaýta olary amal ediji şahslar-adamlar edip ýaradandyr. Iman we küpür bendeleriň amallaryndan-dyr. Alla tagala kişiniň küpüre girip, şol halda kapyr boljagyny-da bilýändir. Emma ol soň (toba edip) iman getirse, we Onuň (kämil bolan) ylymy üýtgemesizden, Ony musulman diýip biler, we ol kişini söýer.[3]

***

[1] Fykhul – Ekber: sah-302
[2] Fykhul – Ekber: sah-302
[3] Fykhul – Ekber: sah-303

## Ymam Ebu Hanifanyň iman barada aýdan sözleri

1) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Iman ykrar we tassyk etmekdir».[1]

2) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Iman diliň bilen ykrar edip, kalbyň bilen tassyklamakdyr, ýeke-täk ykrar ýeterlik däldir».[2](Bu sözi Tahawyý Ebu Hanifa we onuň iki ýaranyndan rowaýat edendir).[3]

3) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Iman artýan hem däldir, kemelýän hem däldir».[4]

Men: «Ebu Hanifanyň imanyň artmagy we kemelmegi baradaky sözi, we Imany kesgitlände: «Ýürekde tassyk etmek, diliňde ykrar etmek, we amal (beden ybadaty hem) Imandan däldigi» baradaky sözi, Ebu Hanifanyň akydasy bilen, beýleki Ymam Mälik, Şäfigi, Ahmet ibn Hanbel, Ishak ibn Roheweýýe, Ymam El-Buhary we başga Yslam ymamlarynyň akydasynyň arasyndaky tapawutdyr. We hak (meselede dogrylyk) olaryň tarapynda-dyr. Ymam Ebu Hanifanyň bu sözi nädürsdir, ýöne Ibni Abdul Birr we ibni Ebi Yzz Ebu Hanifanyň şu sözden gaýdandygyny aýtýarlar.[5]

***

[1] Fykhul – Ekber: sah-304
[2] Kitäbul-Wasyýýa, şerhi bilen:sah-2
[3] Tahawiýýa Şerhi bilen: sah-360
[4] Kitäbul-Wasyýýa, şerhi bilen:sah-3
[5] Et-Temhid libni-Abdul-Ber:9/247, Şerh Akyda Tahawiýýe: sah-395.

## Ymam Ebu Hanifanyň sahabalar barada aýdan sözleri.

1) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Biz (sünniler) Allanyň resulynyň sahabalaryny diňe ýagşylykda ýatlaýandyrys (ýagny, şaýylar (şigalar) ýaly söwmeýäris)».[1]

2) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Sahabalaryň hiçisinden uzaklaşyp, olara dahylsyzlyk etmeýäris, we olaryň birini aklap, başgasyny äsgermezçilik etmeris».[2]

3) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Sahabalaryň Resulalla bilen sähelçe pursat bolmagy, biziň uzak ömür boýy eden amallarymyzdan haýyrlydyr».[3]

4) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Pygamberimiz Muhammet – sallallahu aleýhi wesellemden- soň şu ummatyň iň ýagşysy Ebu Bekr, soňra Omar, soňra Osman, soňra bolsa Alydyr -Alla olaryň ählisinden razy bolsun-».[4]

5) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemden- soň şu ummatyň iň ýagşysy Ebu Bekr, Omar, Osman we Alydygyny ykrar ederis. Soňra Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň – ähli sahabalaryny diňe ýagşylykda ýatlaýandyrys. [5]

***

[1] Fykhul – Ekber: sah-304
[2] Fykhul-Absat:sah-40.
[3] Manakyn Ebi-Hanifa lil-Mekkiý:sah-76
[4] Wasyýýa, şerhi bilen:sah-14
[5]En-Nurul-lämig: (K-119-b).

## Ymam Ebu Hanifanyň (dinde) pelsepä uýmakdan we dinde dawa etmekden gadagan etmegi

1) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «(Yragyň) Basra şäherinde howaýy-duýgularyna eýerip gidenler köp. Ol ýere men ýigrimiden köpräk gitdim kahalatlar bir ýyl töweregi ol ýerde boldupdym we pelsepe ylmy iň gowy ylymdyr diýip güman edýärdim, (aslynda bolsa beýle däldi)».[1]

2) Ymam Ebu Hanifa aýtdy: «Men pelsepe ylmynda şeýle bir beýik derejä ýetdim hat-da maňa barmaklaryny uzadyp: «Şu uly adam» - diýip görkezýärdiler, özüm Hammad Ebi Suleýmanyň mejlisiniň ýanynda oturýardym, şonda bir aýal gelip: «Bir adam öz gyrnak-aýalyny sünnete görä talak etjek bolýar, nähili etmeli?»-diýende men oňa näme diýjegimi bilmedim-de, Hammaddan soramagyny soňra bolsa jogabyny maňa aýtmagyny isledim. Ol aýal baryp Hammaddan soranda, ol: «Aýbaşyndan päk we (aýalyň soňky aýbaşysyndan soň) oňa äri ýanaşmadyk halynda talak edip, haçanda ol aýal iki gezek aýbaşy görüp (aýbaşydan soň) gusul alyp tämizleneninden soňra başgalara durmuşa çykyp biler» diýdi. Soňra ol aýal meniň ýanyma gelip onuň jogabyny ýetirende, men: «Maňa pelsepäniň geregi ýokdur», diýp, Hammadyň ýanyna geçdim.[2]

3) Ol aýdan» Alla Amr bin Ubeýdi lagnatlasyn, çünki ol adamlara nepi degmeýän pelsepe ylmyna ýol açdy».[3]

Bir erkek adam Ebu-Hanifadan: «Adamlaryň täze döreden «A'rad» (aksidensiýa ; asly bolmadyk we özünden döremedik zat) we «Ejsäm» (abýektiwlik; akly delil) sözleri baradaky näme diýersiň?»diýip soranda.

[1] Manakyb Ebi-Hanifa lil-Kurdiý: sah-138
[2] Taryh Bagdad 13/333
[3] Zemmul-Keläm lil-Harawiý: 28-31

Ol: «Bu pelsepeçileriň edýän gürrüňidir. Sen selefleriň we «eseriň» (ýagny: Pygamber – sallallahu aleýhi wesellemden-sahabalardan gelen ýola) eýermegiň wajypdyr. We dinde oýlap täze zat toslamakdan saklangyn. Takyk, (dinde) her bir toslanan zat «bidgatdyr» «diýip jogap berdi.[1]

4) Ebu-Hanifanyň ogly Hammad aýtd: «Günlerd bir gün, pelsepeçilerden bolan binäçe adamlar bilen dartyşyp otyrkak, kakam – Alla oňa rehmet etsin - ýanyma geldi. Şol wagt dawadan ýaňa sesimiz hem bir az göterilipdi. Haçanda öýde kakamyň sesini eşidenimde onuň ýanyna bardym.

Şonda ol: «Hamad! Seniň ýanyňda kim bar» diýdi.

Men: «Plany dagylar «, diýip olary atlary bilen agzadym.

Ol: «Näme barada dawa edýärsiňiz?» diýdi.

Men: «Plan, plan mesele barada» diýdim.

Ol: «Hammad! Goýuň dawany», diýdi.

Men, kakamyň öz aýdan sözünde, özüne garşy gideni-ni ýada bir zady buýrup soňra hem ony gadagan edeni-ni hiç gören däldirin.

Men: «Eý kakajan, sen öň maňa «kelam» ylmyny (pelsepäni) öwrenmegimi emir edmeýärmidiň?»diýdim.

Ol: «Hawa eý oglum, bu gün bolsa men ony gadagan edýärin» diýdi.

Men: «Näme üçin?».

Ol: «Eý, oglum! Bu kelam mesele-leriniň üstünde bölüşinip oturanlaryny görýän adamlaryň, öň bir sözde we bir dinde agyzlary birdi, soňra şeýtan olaryň arasyndan muny aýyryp,

[1] Zemmul Keläm lil-Harawiý: (b-194).

onuň ýerine olaryň aralarynda duşmançylygy we bölünişigi salanyndan soň olar bir – birlerine garşy gitmäge başladylar».[1]

5) Ebu Hanifa (ýarany bolan) Ebu-Ýusupa garap: «Adamlar köpçüligine haçanda diniň asly (akyda) barada öwredeniňde, kelamdan (pelsepeden) söz açyjy bolaýmagyn, sebäbi olar saňa taklid edýärler (hüjjetsiz, subutnamasyz, delilsiz, sözüňe eýerýärler), şeýlelik-de olar pelsepe bilen meşgul bolup azaşyp giderler».[2]

***

[1] Manakyb Ebi-Hanifa lil-Mekkiý: sah-183-184
[2] Manakyb Ebi-Hanifa lil-Mekkiý: sah-373

# Üçünji bölüm

## Ymam Mälik bin Enesiň akydasy

**Töwhid barada aýdan sözleri:**

El-harawiniň Ymam Şafygydan rowaýat etmegine görä, Ymam Mälik kelam we töwhid barada soralanda şeýle diýdi:

«Pygamber – sallallahu aleýhi wesellemiň – ymmatyna synja almagy öwredip, töwhidi öwretmän gitdi diýilip guman edilmegi asla mümkän däl. Töwhid bu Pygamber – sallallahu aleýhi wesellemiň –:

«Tä lä ilähä illa Alla diýýänçäler, ynsanlara (muşriklere) garşy uruşmaklyga buýrulandyryn»[1] diýen sözünde-dir.

Mal we jan töwhid hakykaty bilen goralar».[2]

Darakutnynyň Muslimden rowaýat edip şeýle diýdi:

«Mälikden, es-Sewriden we Ewzagydan, leýs ibn Sa'ddan (Allanyň) sypatlarynyň habarlary habarada soramda, olar: «Gelişi ýaly kabul ediň».-diýdiler.[3]

Ibn Abdul-Ber aýtdy: «Ymam Mälikden: «Kyýamat güni Alla görülýärmi?» diýip soralanda, ol:

«Hawa, bu babatda Alla tagala şeýle diýdi:

---

[1] Ymam Buhary Zekat kitabynyň: "Zekatyň wajyplygy" diýen bapda getirdi. (3/262), hadys: 1399. Muslim Iman kitabynyň: "Lä ilähä illa Allah, Muhammet resululla diýýänçäler adamlaryň garşysyna uruş yglan etmek", babynda getirendir.(1/51), hadys:324. Nesäiý Zekat kitabynyň: "Zekat bermeýän kişi" babynda getirendir. (5/14), hadys:2443. Ahli rowaýatlar Ubeýdullah ibn Abdulla ibn Utbe ibn Mesut we Ebu-Hureýreden rowaýat edilendir.Ebu Dawut Jihat kitabynyň: "Muşriklere uruş edilmeginiň sebäbi" babynda getirendir.(3/101), hadys: 2640 Ebu-Salyh, Ebu-Hureýreden rowaýat edendir.

[2] Zemmul-kelam: 210.

[3] Darakutny "Syfat" kitabynyň sah-75 rowaýat etdi, we Äjurriý "Şeigat" atly kitabynda rowaýat etdi, sah-314, Beýhaky "Ygtykat" sah-118, Ibn Abdul-Ber: "Tamhid"(7/149).

«Ol gün ýalpyldap duran (nurly) ýüzler (çyn möminleriň ýüzleri) bolar. Ol (ýüzler) özleriniň Perwerdigärine serederler.». (Kamar:22,23).

Başga bir topar adamlar barada şeýle diýdi:

«Ýok! (Bu jezasyz galmaz!) Olar ol gün (kapyrlar) özleriniň Perwerdigärini (görmekden) mahrum galarlar «(Mutaffifun:15).

Kady ibn Ýýad «Tertib-El-Medärik» diýen kitabynda, ibn Nafig we Eşhebden şeýle rowaýat etdi:

«Biri-başgasyna goşup, eý Ebu-Abdulla ! «Ol gün ýalpyldap duran (nurly) ýüzler (çyn möminleriň ýüzleri) bolar. Ol (ýüzler) özleriniň Perwerdigärine serederler.». (Kamar:22,23). (aýaty okap) Alla tagala serederlermi ?» Ol: «Hawa şu iki gözleri bilen» diýdi.

Men: «Takyk ki, käbir adamlar: «Alla tagala seredilmeýär, çünki aýatdaky «nazyra» (serederler) sözüniň manysy, sogaba garaşarlar diýmekdir» diýýärler» diýdim .

Ol: «Ýalan sözläpdirler, gaýta tersine, Alla tagala seredilер. Musa pygamberiň aýdan: «Eý,Rebb maňa Özüňi görkez, Seni göreýin». sözüni eşitmediňmi, näme Musa Rebbinden bolmajak zady sorar öýütdiňmi?! Şonda Alla tagala: «Meni görmersiň» diýdi. Ýagny: (görmersiň) manysy şu dünýede, sebäbi dünýe panydyr, pany ýerde-de ömürlik (Alla tagala) seredilmez. Haçanda adamlar ömürlik ojagy bolan ahyrede gidenlerinde, ol bakyda, baky (Alla tagala ) serederler. Alla tagala aýtdy: «Ýok! (Bu jezasyz galmaz!) Olar ol gün (kapyrlar) özleriniň Perwerdigärini (görmekden) mahrum galarlar» (Mutaffifun:15).[1]

[1] El-Intifä: 36

Ebu Nuaým Japar ibn Abdulladan rowaýat edip aýtdy: «Biz (ymam) Mälik ibn Enesiň ýanyndakak, bir adam gelip şeýle oňa:

«Eý Ebu-Abdulla Er-Rahman Arşyň üstüne istiwa etdi (galdy) diýilende, nähili istiwa etdigi bolýarka? «diýdi. Bu sorag ymam Mäligiň şeýle erbet gaharyny getirdi. Ol ýere seredip tä (gahardan ýaňa) ony der basynça elindäki çöpi bilen oýmaga başlady, soňra ol kellesini galdyrdy-da elindäki çöpi zyňyp: «Nähilidigi akyla sygmaz, Onuň istiwa edeni bize bellidir. Muňa iman etmek wajypdyr, bu barada sorag bermek bolsa,bidgatdyr we sen hem şol bidgatçylardansyň «diýip, ony çykarmaklygy buýrdy.[1]

Ebu Nuaým, Ýahýa ibn Rabi'dan rowaýat etmegine görä (Ýahýa) şeýle gürrüň berdi: «(Ymam) Mälik ibn Enesiň ýanyndakam, bir adam gelip oňa:

«Eý Ebu-Abdulla! Kuran mahluk diýýän adam barada näme diýersiň?» diýip soranda, (Ymam) Mälik: «Zyndyk,[2] öldüriň muny» diýýär.

Ol adam: «Eý Ebu-Abdulla! Men bir diňe eşiden zadymy aýtdym» diýýär.

---

[1] El-Hilýa: 325-326, es-Sabuniý, Akydatus-Selef Ashabul-Hadys, sah-17-18, Ja'far ibn Abdulla ýoly bilen, Mälikden we Ibn Abdul-Ber, Temhitde 7/151, Abdulla ibn Nafi ýoly bilen Mälikden, Beýhaky el-Esma-wes-Syfat: sah-408, Abdulla ibn Wahp ýoly bilen, Ibn Hajar Fethul-Bäride 13/406-407, isnady (hadys geçirijiler zynjyry) gowydyr. Ymam Zehebi (Türkmen) "el-Uluw", sah-103 – de dogrydygyny aýtdy.

[2] Zyndyk: Pars dilinden alynma sözdür. Bu sözi ilkibaşda musulmanlar (azaşan) "Mänewiýýe" ynanja eýerenlere aýdardylar, çünki olar barlygyň döreýiş gözbaşy: nur patyşalygy we zulumat patyşalygydyr, diýen kapyr düşünjä eýerendirler. Soňa-baka bu söz has giňden ulanylyp, materialistlere, ateistlere we başgada kapyr ynanja eýerenlere ulanylandyr.Ýene-de bu söz "Skeptik"-lere we ynanç we beden taýdan diniň hökümlerini bitirmeklikden özüni erkin hasap edýänlere ulanylandyr. (Seret:"el-Mewsu'a Muýessero (1/929), we Abdur-Rahman Bedewiniň Taryhul-Ilhäd kitabyna seret: sah-14-32.
Terjimeçiden: Bu söz içi musulman, daşy kapyr bolan iki ýüzli mynapyk manyda hem gelýändir. (Şeýh Jibrin: "Mu'jam alfazul-Akyda").

(Ymam): «Bu sözi men öň hiç kimden eşitmedim, diňe senden eşitdim, bu sözüň günäsi ulydyr» diýip düşündirdi.[1]

Ibn Abdul-Ber, Abdulla ibn Näfi'den rowaýat etmegine görä ol aýtdy:

«Mälik ibn Enes şeýle diýerdi: «Kim Kuran mahluk diýse ol kişi ýenjilmelidir, we ol tä toba gelýänçä zyndan-da saklanylmalydyr».[2]

Ymam Mälik aýtdy: «Alla tagala asmanda-dyr, Onuň ylmy bolsa hemme zady gurşap alandyr».[3]

***

[1] El-Hilýä: (6/325) Läläkäi "Ähli-sünnet wel-jemagadyň ygtykady" diýen kitapda, Ebu-Muhammet Ýahýa ibn Halaf Mälikden rowaýat edendir, (1/249). We Kazy-Yýaz: Tertibul-medärikde (2/44).

[2] El-intiko: 35.

[3] Ebu – Dawut "Mesäili-Ahmet" kitabynda rowaýa edýär, sah-263. We Abdulla ibn Ahmet "Sünnetde" rowaýat etdi, sah-11 köneki çapy. Ibn-Abdul-Ber: "Temhid" kitabynda, 7 / 138.

## Onuň takdyr barada aýdan sözleri

Ebu-Nuaýmyň rowaýat etmeginde, Ebu – Wahb[1] şeýle diýdi:

«(Ymam) Mäligiň bir adam: «Düýn mende takdyr (ýazgyt) barada soran senmidiň?» diýenini eşitdim.

Ol: «Hawa».

Hakykatdan-da: «Alla tagala şeýle: «Biz islesek, her bir adamyň dogry ýola gelmegini miýesser ederdik. Emma Menden: «Dowzahy jynlaryň we adamlaryň bir topary bilen dolduraryn» diýen gutarnykly söz çykandyr» (As-Sežde:13). Allanyň aýdyşy ýaly hem bolaýmalydyr». diýýär».

2) Kazy Ýýaz aýtdy: «Ymam Mälik «Kadariýýeler» barada: «Kim olar?»diýip soralanda, ol: «Alla günäleri ýaratmadykdyr» diýýänlerdir» diýdi. Onda başga gezek: «Kadariýýeler» barada soralanda, ol: «Olar: «(Iş etmekligi) başarmaklyk we güýç-kuwwat özlerinde, isleseler boýun bolarlar, islemeseler boýun bolmazlar», diýýänlerdir» diýdi».[2]

3) Ibn Ebu-Asym rowaýat etmeginde, Said ibn Abdul-Jebbar aýtdy:

«(Ymam) Mälik ibn Enesiň şeýle aýdanyny eşitdim: «Olar baradaky meniň (din) tarapdan garaýşym, ýaha olar toba çagyrylar, eger toba etmeseler öldüriler-ler – «Kadariýýeleri» göz öňünde tutup şeýle diýdi».[3]

---

[1] Ol – Abdulla ibn Wahb Küreýiş tiresiniň Müsürli gulydyr.Ibn Hajar ol barada "fakyh"(fykh ylmyny gowy bilen), hadys alnýan ynamdar, hafiz, ybadathon, 197-nji hijri ýylda aradan çykan", Seret:Takribut-Tezhib (1/460).

[2] Tertibul-medärik (2/48).we "Ähli-sünnet wel-jemagadyň ygtykady" kitaba seret: 2/701).

[3] Ebul-Asymyň "es-Sünne" kitabynda (1/87-88), we Ebu-Na'ym "Hilýe" kitabynda (6/326) belgide rowaýat edýär.

4) Ibn Abdul-Ber aýtdy: «(Ymam) Mälik aýtdy: «Kaderiýýelerden başga kemakyl, akmak, ýeňilkelle kişini görmedim».[1]

5) Ibn Ebu-Asymyň rowaýat etmeginde, Mirwan ibn Muhammet et-Tatariý aýtdy: «(Ymam) Mälik ibn Enesiň «Kadara» gyz çykarmaklyk barada soralanyny eşitdim, şonda ol: «Mömin gul müşrikden ýagşydyr».-diýen aýaty okady «.[2]

6) Kazy El-Ýýad aýtdy: «Öz bidgatyna çagyrýan»Kadariýnyň», «Harijiniň» we «Rafiziýnyň» şaýatlygy kabul edilýän däldir.[3]

7) Kazy El-Ýýad aýtdy: «(Ymam) Mälik, «Kadariýýeleriň sözlerinden daş duralyňmy» diýip soralanda ol: «Hawa, eger biriniň ol ýoldadygyny bilse daşlaşsyn «diýip jogap berdi.

Başga bir çeşmede, ol: «Olaryň yzynda namaz okamasyn, olardan hadys hem kabul etmesin. Eger olary serhet töwerekde görseňiz, çykaryň olary «diýýär.[4]

***

[1] El-intiko:34
[2] Ebul-Asymyň "es-Sünne" kitabynda (1/88) we Ebu-Na'ym "Hilýe" (6/326).
[3] Tertibul-Medärik: (2/47).
[4] Tertibul-Medärik: (2/47).

## Onuň iman barada aýdan sözleri

1)Ibnu Abdul-Beriň rowaýat etmeginde, Abdur-Razzak ibn Hammam aýtdy: «Ibn-Jureýj[1], Sufýan es-Sewriý, Ma'mar ibn Roşid, we Sufýan ibn Uýeýne, we Mälik ibn Enes dagylaryň: «Iman söz (ýagny, ýüregiň sözi we diliň sözi), amal (ýagny, ýüregiň amaly we bedeniň amaly), artýandyr we kemelýändir», diýenlerini eşitdim.[2]

2)Ebu Nuaýmyň rowaýat etmeginde, Abdulla ibn Nafi' aýtdy:

«(Ymam) Mälik ibn Enes şeýle aýdardy: «Iman sözdür we amaldyr».[3]

3) Ibnu Abdul-Beriň rowaýat etmeginde, Eşheb ibn Abdul-Eziz aýtdy: «(Ymam) Mälik şeýle diýdi: «(Şol zamanlar) ynsanlar (sahabalar) «Beýtul-Makdise» tarap bakyp on alty aý namaz okadylar, soňra «Käbä» tarap bakyp okamaklyk buýrulýar,

Alla tagala aýtdy: «Alla siziň imanyňyzy puja çykarmaz «, ýagny Beýtul makdise garap okan namazyňyzy puja çykarmaz. Ymam Mälik: «Men bu aýaty okap, «Murjie»[4] fyrkasynyň: «Namaz imandan däl» diýen sözüni ýada salýaryn».[5]

***

[1] Onuň ady: Abdul-Melik ibn Abdul-Eziz ibn Jureýj Rimli el-Umewiý Mekkiý, Ymam Zehebi Türkmen ol barada: "Ymam, hafyz, Mekke-Medinäniň fakyhy, künýesi: Ebul-Welid, 150-nji hijri ýylda aradan çykýar. Seret: "Tezkirotul-Huffaz" (1/169) we "Taryhul-Bagdad" (10/400).

[2] El-intiko:34.

[3] El-hilýa: (6/327)

[4] Murjiýa: Amaly imandan çykaran, azaşan bir taýpa.

[5] El-intiko:34.

## Ymam Mälik bin Enesiň sahabalar barada aýdan sözleri

1) Ebu Nuaýmyň rowaýat etmeginde, Abdulla El-Anbariý[1] aýdty:

«(Ymam) Mälik ibn Enes aýtdy: «Kimde-kim, Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň- sahabalaryndan birini kemsitse ýada olara kalbynda bir ýigrenç saklasa, ol kişiniň musulmanlaryň alan oljalaryndan paý almaga hiç haky ýokdur. Soňra şu aýaty okady: «Olardan soň (kyýamata çenli dünýä) gelen (ähli möminler): «Eý, Perwerdigärimiz! Biziň we bizden öňki iman bilen öten doganlarymyzyň günälerini bagyşla! Biziň içimizde iman getirenlere garşy hiç hili öýke-kine goýma!» (Haşr:10)[2]

2) Ebu Nuaým, Zubeýr ibn Awwamyň ogullarynyň birinden[3] rowaýat etmegine görä aýtdy: «Biz Ymam Mäligiň ýanyndakak, bir adamyň Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň- sahabalaryny kemsidýändigini aýdanlarynda, Ymam Mälik şu aýaty okady: «Muhammet Allanyň ilçisidir. Onuň ýanyndaky (möminler) bolsa kapyrlara ýowuz, öz aralarynda bolsa (biri-birlerine) rehimlidirler . Sen olaryň, Allanyň pazly-keremini we razylygyny isläp, rukug we sežde edýändiklerini görersiň. Olaryň ýüzlerinde (maňlaýlarynda) sežde yzyndan (galan) alamat-nyşan bardyr. Bu olaryň Töwratdaky (beýan edilen) aýratynlyklarydyr. Olaryň Injildäki (beýan edilen) aýratynlyklary bolsa gögerip, gitdigiçe güýçlenip ýognaýan we öz

---

[1] Onuň ady: Abdulla ibn Suwar ibn Abdulla el-Anbariý el-Basri el-Kazy .Ibn Hajar ol barada şeýle diýdi: "Hadys alynýan ynamdar, 228-nji hijri ýylynda aradan çykýar, onuň aradan çykan ýyly hakda başgada çeşmeler bardyr.Seret:"Takrybut-Tezhib (5/248).

[2] El-hilýa: (6/327).

[3] Ol Zubeýr ibn Awwamyň ogullaryndan, Ymam Mälikden ders alan, we ondan hadys eşiden iki sany adam, bular: Abdulla ibn Nafi' ibn Säbit ibn Abdulla ibn Zübeýr ibn Awwam, bu şahsyň terjimehaly hakda ýatlap geçipdik, we Mus'ab ibn Abdulla ibn Mus'ab, bu şahs hakda maglumat soň getireris – inşa Alla.

göwresine daýanýan bir ekin (ösümlik) mysalydyr. (Bu ekin) daýhanlaryň göwnüne ýarandyr. Bu (Allanyň şeýdip, şu ekin ýaly musulmanlary köpeldip, güýçlendirmek bilen) kapyrlaryň (has hem) gaharyny getirmek üçindir. Alla iman getirip, ýagşy işleri edýänlere ýalkaw hem-de uly sylag wada berýär». (El-Feth:29).

Soňra Ymam Mälik aýtdy: «Kimiň kalbynda Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň- sahabalarynyň birine ýigrenç bolsa, şu aýat şol kişä degişlidir».[1]

3) Kazy Yýazyň rowaýat etmeginde, Eşheb ibn Abdul-Eziz aýtdy:

«Ymam Mäligiň ýanynda oturan wagtymyz, onuň ýanyna «Alawilerden» bolan bir adam gelip sömeldi. Adatça «Alawiler» onuň mejlisine gelerlerdi. Ol kişi: «Eý, Ebu-Abdulla! «diýip çagyrdy.

Ymam Mälik oňa tarap öwrüldi. Çünki, eger ony biri çagyraýsa, ol kişä kellesi bilen öwürilmekden artyk jogap bermezdi.

Şonda ol adam:  «Men seni, Alla we öz aramda hüjjet (delil) tutunasyp gelýär, çünki Alla tagalanyň huzuryna baramda, menden sorasa, men Oňa: «(Ymam) Mälik aýtdy» diýerin «, diýdi.

Ymam Mälik: «Aýdyber» diýdi.

Ol adam: «Allanyň resulyndan soňra iň haýyrly adam kim?» diýdi.

Ymam Mälik: «Ebu Bekr» diýdi.

Alawiý: «Soňra kim?» diýdi.

Ymam Mälik: «Soňra Omar» diýdi.

[1] El-hilýa: (6/327).

Alawiý: «Soňra kim?» diýdi.

Ymam Mälik: «Zulum bilen şehit edilen halyf Osandyr» diýdi.

Alawiý: «Alla kasam bolsun, hiç wagt seniň ýanyňda oturmaryn» diýdi.

Ymam Mälik: «Isläniňdir» diýdi.[1]

Dinde jedel barada aýdan sözleri.

Ibn Abdul-Beriň rowaýat etmeginde, Musab ibn Abdulla ez-Zubeýr[2] aýtdy: «Mälik ibn Enes aýdardy: «Dinde kelam bilen meşgul bolmagy ýigrenerdim. (Medine) ilimiz hem, «Jahmiýýe» we «Kadariýýe» ýalylaryň pikirlerini gadagan edýärdiler we ýigrenýärdiler....[3]

Ebu-Na'yýmyň rowaýat etmeginde, Abdulla ibn Nafi' aýtdy:

«(Ymam) Mäligiň şeýle diýeni-ni eşitdim, adam Alla tagala şirk etmezden, başga ähli uly günäler edip, soňra bu howaýy-duýgylaryndan we dinde edýän bidgatlaryndan (toslamalaryndan) saklansa – we bularyň arasynda kelamy (pelsepäni) hem agzapdy – jennete girer».[4]

El-Harawiniň, Ishak ibn Isadan[5] rowaýat etmeginde şeýle diýdi:

---

[1] Tertibul-Medärik: 2/44-45.
[2] Onuň ady: Mus'ab ibn Abdulla ibn Mus'ab ibn Säbir ibn Abdulla ibn Zubeýr ibn Awwam ibn El-Esedi El-Medeni soňra Bagdatda ýaşan.Ibn Hajar ol barada şeýle diýdi: "Örän dogry sözli (sadyk), "Geneologiýa" ylymynda alym bolan, 236-njy hijri ýylda aradan çykan",seret:"Takrybut-Tezhib:2/252 we "Tehzibut-Tehzib:10/162.
[3] Jämi'u beýanul-Ylym we fadluhu:sah-415.
[4] El-hilýa:sah-6/325.
[5] Onuň ady: Ishak ibn Isa ibn Nejih el-Bagdadi . Ibn-Hajar ol barada şeýle diýdi:"Öräz dogruçyl kişi, 214-nji hijri ýylynda aradan çykýar." Seret:"Takrybut-Tezhib"1/60 we "Tehzibut-Tehzib"1/245.

«(Ymam) Mälik aýtdy: «Kim dini kelam (pelsepe) bilen öwrense zyndyk (kapyr) bolar, we kim mbaýlygya El-himiýa bilen gazanjak bolsa, zyýana düşer, kim näbelli hadyslara ýapyşsa, ýalan sözlär».[1]

El-Hatybyň rowaýat etmegine görä, Ishak ibn Isa şeýle diýdi:

«Mälik ibn Enesiň dinde edilýän jedeli aýyplap şeýle diýeni-ni eşitdim:

«Her gezek bize beýlekiden beter dawalaşmagy söýýän biri gelende, ol biziň Jebraýyl perişdäniň, Pygamber – sallallahu aleýhi weselleme – getiren zadyny (Kurany we Hadysy) taşlamagymyzy isleýändir».[2]

El-Harawiniň rowaýat etmeginde, Abdur-Rahman ibn Mahdiý aýtdy: «(Ymam) Mäligiň ýanyna gelenimde, ondan bir adam şeýle sorag soranda, (Ymam) Mälik: «Belki, sen Amr ibn Ubeýdiň ýoldaşlaryndansyň !? Amr ibn Ubeýde Alla lagnat etsin. Ol dinde kelamy (pelsepe) bidgat etdi (dinde toslady). Eger kelam ylym bolan bolsady, onda sahabalar we tabigynler şerigat hökümlerinde gepleýişleri ýaly, kelam hakynda-da geplärdiler», diýdi.[3]

El-Harawiniň rowaýat etmeginde, Eşheb ibn Abdul-Eziz aýtdy:

«(Ymam) Mäligiň şeýle aýdany-ny eşitdim: «Bidgat etmekden ägä boluň!», şonda adamlar: «Eý Ebu-Abdulla! Bidgat nämedir?» diýdiler. (Ymam) Mälik: «Bidgatçylar, Allanyň gözel atlary we sypatlary, Onuň kelamy, ylmy we güýji-kuwwaty (başarjaňlygy) hakynda (öz akyllarynyň düşünişiçe) gepläp,

[1] Zemmul-Kelam: k-173-a
[2] Şeref ashabul-Hadys:sah-5
[3] Zemmul-Kelam: k-173-b

sahaba we olaryň yzlaryna haýyrda eýeren tabigynlaryň geplemedik zatlarynda, gepleýänlerdir», diýdi».[1]

Ebu Nuaýmyň rowaýat etmeginde, Ymam Şafygy şeýle diýdi:

«(Ymam) Mälik ibn Enesiň ýanyna, käbir nebsi-duýgylaryna eýerýän kişiler gelenlerinde, ol: «Men Rebbim we dinim barada aýdyň delile (Kurana we sünnete) eýerýändirin. Emma sen olsa, şübheli kişisiň. Git, we (özüň dek) şübheli kişi bilen dawalaş».[2]

Ibn Abdul-Ber rowaýat etmeginde, Muhammet ibn Ahmet ibn Huweýz Mindäd El-Misriý El-Mälikiý, öz «Kitabul-ijroät» kitabynyň, «Hiläf» bölüminde şeýle diýdi: «(Ymam) Mälik aýtdy: «Nebsi-duýgylaryna eýerýänleriň, bidgatçylaryň, we ýyldyz palçylarynyň kitaplary bilen alyş beriş etmek bolýan däldir, «diýip, birnäçe kitaplaryň atlaryny agzady. Soňra: «Biziň garaýşymyzça, nebsi-duýgylaryna eýerýänleriň, we bidgatçylaryň kitaplary, kelamçylardan (pelsepeçilerden) bolan: «Mu'tezile» we beýlekileriň kitaplarydyr. Bu kitaplar kireýine berilen bolsa, ol bozulmalydyr», diýdi.[3]

Bu Ymam Mäligiň, töwhid, sahabalar, iman,we kelamçylara bolan gatnaşygy, olar baradaky sözleri we garaýşlarydyr.

***

[1] Zemmul-Kelam: k-173-a
[2] El-Hilýa:6/324.
[3] Jämi'u beýanul-Ylym we fadluhu:sah-416-417

# DÖRDÜNJI BÖLÜM

## Ymam Şafyganyň -Alla oňa rehmet etsin– akydasy

### Töwhid baradaky sözleri

Beýhakynyň rowaýat etmeginde, Rabi' ibn Süleýman aýtdy:

«Şafygy şeýle diýid: «Kim Alladan ýada Onuň gözel atlarynyň birinden ant içip, soňra hem ol andyny bozsa, oňa keffarat[1] bemek wajypdyr. Emma kimde-kim Alladan gaýry zatdan ant içse, meselem biri: «Käbe kessin, kakamdan ant içýän» diýip, soňra hem andyndan dänse, oňa keffaret ýokdur. Biriniň: «Ömrümden ant içýän» diýmesi hem şunuň ýalydyr... ony bozany üçin oňa keffaret ýokdur . Alladan gaýry zatdan ant içmeklik, Allanyň resuly tarapyndan gadagan edilendir (çünki ol şirkdir) . Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellem –aýtdy: «Takyk, Alla tagala sizi atalaryňyzdan ant içmekligiňizi gadagan edendir. Kim ant içse, goý ol Alladan ant içsin ýada dymsyn..»[2].[3]

Ymam Şafygynyň düşündirjek bolan zady, çünki Alla tagalanyň atlary mahluk (ýaradylan) däldir, kim Allanyň adyndan ant içip ony bozsa, oňa keffaret bermek wajypdyr».[4]

Ibn El-Kaýýim – Alla oňa rehmet etsin – «Ijtimag El-Juýuş» kitapda, Şafygydan şeýle rowaýat edýär: «Meniň ýöreýän ýoum, hadys alymlaryndan bolan we meniň hem olardan hadys öwrenenlerim bolan: Sufýan, Mälik we beýlekiler ýaly

---

[1] Keffarat: “Kasam içen adam kasamyny pozsa, dinde buýrulyşy ýaly ol kasamynyň öwezini dolmalydyr”.

[2] Buhary kitabul-Iman wen-Nuzur, Atalaryňyzdan ant içmäň babynda 11/530. Muslim kitabul-Iman, Alladan başga kişiden ant içmezlik baby 3/1266, hadys:1646.

[3] Manakybuş-Şafygy: 1/405.

[4] Ibn Ebi-Hatym "Ädäbuş-Şafygy", 193 sah. Ebu-Nuaým "Hilýa"9/112-113. Beýhaky "Sünen-el-Kubro: 10/28. Esmä wes-Syfat sah-255-256. Bagawiý "Şerhus-Sünen" 1/188. El-uluw: 121 we gysgaldylan görnüşinde sah-77.

ýaranlarymdaky gören ýolumdyr. (Bu bolsa): Lä ilähä illa Alla (Alladan başga ybadata mynasyp ylah ýokdur), Muhammet resululla (Muhammet Allanyň ilçisidir) şaýatlyk kelemesini, Alla tagala Arşynyň üstünde-digini, asmanyndan öz ýaradanlaryna isleýşi ýaly ýakynlaşýandygyny, we Alla tagala dünýe asman gatyna isleýşi ýaly inýändigini ykrar etmekdir, ynanmakdyr».[1]

Ez-Zähebi, El-Muzeniden şeýle rowaýat edýär:

«Meniň aklymy köşeşdiriip, we bimaza ediji içimde töwhid hakynda bir mesele bolsa, ony çykarjak (Ymam) Şafygydyr.

Ol Müsürde mesjitde wagty men onuň ýanyna gitdim. Haçanda onuň öňünde oturamda, men: «Meni töwhid meselesi barada bir çözülmedik sorag bar, we sende bar ylymyň başga birinde ýokdugyny bildim. Bu (sorag) babatda sen näme diýersiň?» diýdim. Onuň gahary gelip, soňra: «Sen nirededigiňi bilýäňmi?», diýdi.

Men: «Hawa» diýdim.

Ol: «Bu ýer Firaunyň gark edilen ýeridir, Allanyň resuly – sallallahu aleýhi weselemiň - bu baradaky sorag soramaklygy buýrandygy barada bir zat bilýärsiňmi?» diýdi.

Men: «Ýok» diýdim.

Ol: «Sahabalar bu barada sorapmydy?».

Men: «Ýok» diýdim.

Ol: «Asmanda näçeýyldyzyň bardygyny bilýärsiňmi?» diýdi.

Men: «Ýok», diýdim.

[1] Ijtimagul-juýuş el-Islämiýýa, sah-165. Isbät syfat ul- Uluw sah-124. Mejmu'-Fetawa 4/171-173. Ymam Zähäbiý "el-Uluw" sah-120, Albanyň gysgaldylan görnüşinde sah-176.

Ol: «Şolardan bir ýyldyzyň, jynsyny, doguşlaryny, batyşlaryny we nämeden ýaradylanyny bilýärsiňmi?», diýdi.

Men: «Ýok»,diýdim.

Ol: «Sen intäk gözüň bilen görýän zatlaryň barada zat bilmeýärsiň-de, gelip indi olary Ýaradanyň ylymy barada gepleýärsiňmi?», diýdi.

Soňra ol menden täretiň bir meselesi barada soranda, men oňa ýalňyş jogap berdim. Soňra ol meseläni dört bölüme bölüp sorady, olaryňda birine-de dogry jogap berip bilmedim. Sen özüňe günde bäş wagtyna gerek bolan zadyň ylymyny taşlap, özüňe (buýrulmadyk zat bolan) Ýaradanyň ylmy barada biljek bolup özüňe zor salýarsyň.[1]

Ibn Abdul-Beriň rowaýat etmeginde, Ýunus ibn Abdul-A'la[2] aýtdy: «Şafygynyň şeýle aýdany-ny eşitdim: «Eger-de biri: At– atlandyrylanyň başgasydyr», diýse, ýada: «(Islendik bir) zat – zat däldir», diýse, bil ol kişi zyndykdygyna şaýat bol».[3]

(Ymam) Şafygy «Risäle» kitabynda şeýle diýýär: «Bendeleriniň Ony wasplandyrmalaryndan, Özüni ondan ýokarda – kämil wasp eden Alla öwgüler-hamdlar bolsun!».[4]

Ez-Zähebi «Siýar» kitabynda Şafygydan rowaýat edip aýtdy:

«Kuranda we hadysdagelen (Alla tagalanyň) sypatlaryna iman edip-ykrar edýäris, (Alla tagalanyň) Özüne bir zady

---

[1] Siýar-a'lam en-Nubelä 10/31.

[2] Onuň ady: Ýunus ibn Abdul-A'la ibn Meýsero es-Sadafiý es-Samriý . Ibn-Hajar ol barada şeýle diýdi: "Ynamdar hadys rowaýat edeiji. Onujy gatyň kiçi hadys rowaýatçylaryndan-dyr. 264-nji hijri ýylda aradan çykandyr. Takrybut-Tezhib 2/385, ýene-de onuň terjimehalyny "Şezerotuz-Zeheb" kitabyň 2/149 sah-da tapyp bilersiňiz. We"Tabakatuş-Şafygyýýa" libni-Hidaýatulla, sah-28.

[3] El-intiko:79.

[4] Er-Risälä:7-8.

meňzetmekligi inkär edişi ýaly, biz hem Oňa meňzetmekligi inkär edýäris. Alla tagala aýtdy: «Onuň (Allanyň) hiç hili meňzeşi ýokdur».[1]

Ibn Abdul-Ber, Rabi'a ibn Selmänden rowaýat edip aýtdy:

«Şafygy, Alla tagalanyň şu sözi barada:

«Ýok! Olar (kapyrlar) ol gün özleriniň Perwerdigärini (görmekden) mahrum galarlar». (El-Mutoffifun: 25).

Şeýle diýeni-ni eşitdim: «Şundan ugur alyp biz, başga bir topar adamlaryň öz Perwerdigärini görmekden mahrum edilmän, we hiç hili kynçylyksyz Ony seretjekdiklerini bilýäris».[2]

Läläkäýiniň rowaýat etmeginde, Rabi'a ibn Süleýman şeýle diýdi: «Men Muhammet ibn Idris Şafygynyň ýanyna baramda, oňa Müsürüň – «Said» welaýatyndan bir hat geldi, ol hatda: «Sen Alla tagalanyň: «Ýok! Olar (kapyrlar) ol gün özleriniň Perwerdigärini (görmekden) mahrum galarlar», diýen sözi barada näme diýersiň ?» diýip ýazykdyr. (Ymam) Şafygy şeýle diýdi: «Bu adamlar Alla tagalanyň gazabyny getirenleri üçin Ony görmekden mahrum edilen bolsa, bu Ony razy edenleriň görjekdiklerine delildir (subutnamadyr). Men (Rabi'a): «Eý, Ebu-Abdulla sen şuny diýýäňmi?», diýdim . Ol: «Hawa, men Alla şeýle ynanýaryn», diýdi.[3]

Ibn Abdul-Beriň rowaýat etmeginde, Jarudi[4] şeýle diýdi:

---

[1] Siýar: 20/341.

[2] El-Intoko:79.

[3] Şerh-Usulul-igtikod ählus-Sunna wel-jema'a2/506.

[4] Onuň ady: Musa ibn Ebil-Jarud bolmaly. En-Nawawi ol barada şeýle diýdi: "Ymam Şafygynyň ýaranlaryndan bolup, onuň öňünde ylym alyp, ondan rowaýat edendrler. Ibn Hibatulla aýtdy: "Mekkede Ymam Şafygynyň mezhebine görä fetwa beren, onuň aradan çykan ýyly barada maglumat ýokdur."Seret:Tehzibul-esmä wel-lugat.(2/120) we "tabakatuş-Şafygy" libni-Hidaýatulla, sah-29.

«Şafygynyň ýanynda, Ybraýym ibn Ysmaýyl ibn Aliýýanyň[1] ýatlananda, ol: «Men oňa ähli zatda garşydyryn, hatda Lä ilähä illa Alla sözünde-de onuň aýdyşy ýaly aýtmaýaryn. Men: Perdäniň aňyrsyndan Musa – aleýhys-salam - bilen gürleşen Lä ilähä illa Alla ynanýaryn, ol bolsa: «Hijabyň aňyrsyndan ýaradan sözüni (kelamyny) Musa eşitdiren Lä ilähä illa Alla» ynanýaryn diýýändir,»diýdi».[2]

Läläkäýiniň rowaýat etmeginde, Rabi'a ibn Süleýman şeýle diýdi: «(Ymam) Şafygy aýtdy: «Kuran mahluk (ýaradylan)»diýen kişi kapyrdyr».[3]

Beýhakynyň rowaýat etmeginde, Ebu-Muhammet Zubeýriý aýtdy: «(Ymam) Şafyga bir adam: «Maňa Kuran barada aýtsana, ol ýaradyjymydyr?» diýdi.

(Ymam) Şafygy: «Eý Alla!!! Ýok» diýdi.

Ol: «Onda mahlukmy?» diýdi.

(Ymam) Şafygy: «Eý Alla!!! Ýok», diýdi.

Ol: «Onda ol ýaradylan däl-dä?» diýdi.

(Ymam) Şafygy: «Hawa (ýaradylan däl) «diýdi.

Ol: «Onuň mahluk däldigine delil nämedir?» diýdi.

(Ymam) Şafygy başyny galdyryp: «Kuran Allanyň kelamydyna (sözüdigini) ykrar edýärmisiň?» diýdi.

Ol: «Hawa». (Ymam) Şafygy: «Bu söz senden öň aýylandyr, Alla tagalanyň aýtdy: «Eger muşrikleriň biri senden aman,

---

[1] Onuň ady: Ibrohim ibn Ismail ibn Aliýýa ymma Zehebi ol barada şeýle diýdi: "Azaşan " Jähmi ", jedel edip Kurana (Allaň kelamy we ol ýaradan däldir diýmän, gaýta) mahluk (ýaradylan) diýerdi.Hijriýetiň 218-nji ýylynda ölen.Seret:"Mizänul-I'tidäl" 1/20, ýene-de onuň terjimehalyna "Lisänul-mizän" kitabynda seredip bilersiň 1/34-35.

[2] El-intiko:79. Kyssany Hafiz ibn Hajar el-Askalaniý "el-Lisän" 1/35 kitabynda, Beýhakynyň "Manakybuş-Şafygy" kitabyndan rowaýat edip geçendir.

[3] Şerh usul ählus-sunnati wel-jemaga 1/252.

hemaýat (pena) sorasa, sen onuň haýyşyny kabul et! Goý, ol Allanyň kelamyny (Kurany) eşitsin! (Soň gelşi ýaly) ony howpsuz ýere ugrat! Çünki olar bilmeýän kowumdyr». (et-Tewbe:6).

«Musa, Alla bilen (araçysyz) göni gepleşdi». (en-Nisä:164).

(Ymam) Şafygy: «Diýmek, sen Allanyň we Onuň kelamynyň (ezeli) öňden bardygyny ykrar edýärmiň? Ýa-da sen Allanyň bardygyny ykrar edip, Onuň kelamynyň ýokdugyny ykrar edýärmiň?», diýdi.

Ol: «Ýok, gaýta Alla ezeli bardyr we Onuň kelamy hem bardyr», diýdi.

(Ymam) Şafygy ýylgyryp: «Eý Kufa ili ! Siz iň bir howply gürrüňler bilen meniň ýanyma gelýärsiňiz. Eger siz Alla we Onuň kelamy hemme zatdan öň bardygyny ykrar edýän bolsaňyz, onda: «Kelam – bu Alla, ýa-da Alladan başga hemme zat, ýa (Kelam-bu) Alla däl», diýen sözleri nirden aldyňyz ?! «diýende, ol adam geplemän turup ötä gitdi.[1]

Ymam Şafyga ýöňkelen bir akyda kitap bölüminde – Ebu-Talyp Işariniň[2] rowaýatynda – şeýle diýdi: «(Ymam Şafygydan) Alla tagalanyň sypatlary, we Alla nähili iman edilmesi barada soralanda, ol:

«Alla tagalanyň atlary we sypatlary bardyr.Onuň Kitaby we Onuň Pygamberi – sallallahu aleýhi wesellem – ymmatyna bu babatda habar ýetirip gidendir.

[1] Manakybuş-Şafygy 1/407-408.

[2] Onuň ady: Muhammet ibn Aly ibn Işariý tanymal, örän dogruçyl alym.Şafygynyň bu kitabyny diňe ol rowaýat etdi, onuň üstüni dolup, onuň tegmilsiz bitindigini aýdyp geçendir. Ymam Zehebi Türkmen: "Ibn Kudamanyň "Syfatul-Uluw" sah-124, kitaby, Ibn-Ebi Ýa'la "Tabakat"1/283 kitabynda, Ibn el-Kaýýim "Ijtimagul-Juýuş" sah-160 kitabynda, Zehebiniň özi "Siýar" 10/79, kitabynda daýanyşlary ýaly musulmanlaryň irki nesilleriniň ymamlary bu kitabdaky ýazylan dogry akyda daýanandyrlar. Onsoň meniň bu rowaýat edýän ýazgylarym, Ymam,hafyz ibn Nasyr ed-Dimaşky (Damaskly) tarapyndan göz geçirilendir.Ibn Ebi-Ýa'la hem "Tabakat" kitabynda ählisini rowaýat edendir."

Kuranyň Alladan inendigi barada hüjjet (delil, habar) bolup, we Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň – hem bir sözi sahyh (dogry) bolup ýetenden soň, adam bularyň garşysyna ol Alla tagala kapyr bolandyr. Şerigat «habarlary» tarapdan adama hüjjet (delil) ýetmezden öň, ol kişi bilmedigi sebäpli uzury bardyr (aklanýandyr) sebäbi bu zatlaryň ylmy akyl bilen,ýa düşünje bilen, ýa-da pikir bilen ýa şuňa meňzeş başga ýol bilen ýetip bolýan zat däldir.

Alla tagalanyň habar berişi ýaly, Ol Eşidýändir. Onuň eli bardyr. Bu babatda Alla tagala aýtdy: «Ýahudylar: «Allanyň eli baglydyr (husytdyr)» diýdiler. Olar (aýdan sözleri üçin) näletlenip, özleriniň elleri baglansyn (haýyr işlerden galsynlar)! Ýok! (Tersine), Onuň (Allanyň) iki eli hem açykdyr».(Engam:64).

Onuň sag eli hem bardyr, bu babatda Alla tagala şeýle diýdi: «Asmanlar hem Onuň sag elinde düýrlener». (Zumar:67).

Onuň ýüzi bardyr, bu babatda Alla tagala şeýle diýdi: «Onuň ýüzünden başga ähli zat heläk bolar». Ýene başga aýatda Alla tagala aýtdy: «Seniň beýiklik we fazly-kerem eýesi bolan Perwerdigäriň ýüzi (elmydama) baky galar».( er-Rahman:27). Pygamber – sallallahu aleýhi wesellemiň – habar berişi ýaly Onuň aýagy bardyr: «...Tä Reb – azze we jell – aýagyny onuň üstüne goýynça».[1] Ýagny: Jähennemiň üstüne goýynça manydadyr.

Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň – Alla ýolunda öldürilen sahabasy barada: «Ol Alla tagala ýylgyryp duran halda gowuşdy»[2], diýmegi, ýene-de Allanyň resuly –

[1] Ymam Buhary Tewsir kitabynda (8/594), hadysyň belgisi: 4848, Muslim kitabul-Jenne 4/2187 hadysyň belgisi 2848, bu alymlaryň ikisi hem Katadanyň Enes ibn Mälikden rowaýat eden ýolundan –rowaýat edendirler.

[2] Ymam Buhary, kitabul-Jihad 6/39, hadys-2826. Muslim kitabul-Imaro 3/1504, hadys-1890, ikisi hem A'rajyň Ebu-Hureýräniň rowaýate eden ýolundan-rowaýat etdiler.

sallallahu aleýhi wesellemiň – Alla tagalanyň dünýe asman gatyna inýändigi barada habar bermekligi, we Alla tagala bir gözli däldir, çünki Pygamber – sallallahu aleýhi wesellem- haçanda «dejjal» barada habar berende aýtdy:

«Ol (dejjal) bir gözlidir, we siziň Rebbiňiz bir gözli däldir».[1]

We möminler doly aýy görüşleri ýalym, öz Rebbini gözleri bilen kyýamat güni görjekdirler. Ýene-de Onuň (Alla tagalanyň) barmagy bardyr, Pygamber – sallallahu aleýhi wesellem – aýtdy: «Ähli kalplar Alla tagalanyň iki barmagynyň arasynda-dyr».[2]

Alla tagalanyň Öz-Özüni we Onuň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň – Ony wasplaýşyndan ybarat bolan bu wasplarynyň hakykatyna, oý-pikir bilen ýetip bolýan däldir. Bu babatda bilmeýän adam tä anyk delil (Kuran we hadysdan habar) ýetýänçä, ol kapyr bolmaýar. Eger ol kişä ýeten delil şerigat «habary» bolsa, onda göniden-göni eşiden adam diýip hasaba alynýandyr. Olary eşiden, göýä Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemden – eşidip, gören ýaly, ol (sypatlary) tassyk edip, olara şaýatlyk bermekligi wajypdyr.

Bu sypatlary biz tassyk edýäris, we Alla tagalanyň Özi-Özünden başga zada meňzedilmegini inkär edişi ýaly, biz hem Ony bir zada meňzetmeklikden inkär edýäris. Alla tagala aýtdy:

---

[1] Ymam Buhary, kitabul-Fiten 13/91,hadys-7131. Muslim kitabul-Fiten 4/2248, hadys-2933, bu alymlaryň ikisi hem Katadanyň Enes ibn Mälikden rowaýat eden ýolundan –rowaýat edendirler.

[2] Edil şu görnüşdebu hadys: Ymam Ahmet "Musned" – de 4/182. Ibn Maja,"Mukoddime"-de 1/72, hadys-199. Hakim "Mustadrok" 1/525. Ymam Äjurri "Şerigat"-da sah-318. Ibn Menhede "Jähmilere jogap" – da 87-nji sahypada gelýändir, bu alymlaryň ählisi Newwas ibn Semganyň hadysyndan rowaýat edýärler. El-Hakim bu hadys barada şeýle diýdi: "Ymam muslimiň şertine görä bu hadys "Sahyh"-dyr, Ymam Zehebi (Türkmen) hem "Talhys" kitabynda tassyklandyr." Ibn Menede hem bu barada şeýle aýtdy: "Newwas ibn Semganyň hadysy – dogry hadysdyr, sebäbi bu hadysy dil batyryp bolmajak ymmatyň meşhur ymamlary rowaýat edip geçendirler."

«Onuň meňzeşi ýokdur. We Ol eşidýändir we görýändir». (eş-Şuro:11). «El-Ygtykad» kitabyň soňy.[1]

***

[1] Awtordan bellik: "Men bu akydany Gollandiýanyň "Leýhend" ýokary okuw mekdebiniň "Merkezi kitaphanasynda" goralyp saklanylýan alymyň golýazmasynyň suratyndan rowaýat edýärin".

## Ýazgyt baradaky sözleri

Men islemesemde, Seniň isläniň bolar,

Meniň islän zadymy, Sen islemeseň bolmaz.

Bendeleriň ýaşyny, garrysyny Öz ylymyň bilen ýaratdyň,

Olaryň birine eçildiň, beýlekisini goldawdan mahrum etdiň.

Birine ýardam etdiň, beýlekisine ýardam etmediň,

Olaryň kimisi jähennemi bolsa, beýlekisi jenneti.

Kimsiniň amaly ýagşy bolsa, beýlekisiniňki ýaman.[1]

2) Beýhaky «Menakyb-Şafygy» kitabynda, onuň şeýle diýenini rowaýat edýär:

«Bendeleriň islegi, Alla tagalanyň islegine garaşlydyr.Eger älemlariň Rebbi bolan Alla islemese, olar isläp bilmez. Adamlar öz amallaryny ýaradan däldirler. Bendeleriň işleri, Alla tagalanyň ýaradan zadydyr. Ýazgydyň haýry – ýamany Alla tagaladan-dyr. Gabyr azaby, we gabyrdakylara beriljek soraglar hakdyr, kyýamat güni direliş we hasabata çekilmek hakdyr, jennet we dowzah ýaly başgada (Pygamber-sallallahu aleýhi wesellemiň) getiren habarlary hakdyr.[2]

3) Läläkaiýniň rowaýat etmeginde, Muzeniý aýtdy: «Ymam Şafygy şeýle diýdi: «Kaderiniň kimdigini bilýärmisiň?», olar: «Bir zat bolup geçmese, öňünden Alla olary ýaradan däldir (bilen däldir) diýýänlerdir».[3]

---

[1] Menakybuş-Şafygy 1/412-413. Şerh usul Igtikad ähli-sünne wel-jemaga 2/702.
[2] Menakybuş-Şafygy 1/412
[3] Şerh usul Igtikad ähli-sünne wel-jemaga 2/701

4) Beýhakynyň rowaýat etmeginde, Ymam Şafygy şeýle diýdi:

«Kadariýýeler barada Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellem – şeýle diýdi: «Olar bu ymmatyň otparazlarydyr»[1], çünki olar: «Tä günäler bolup geçýänçä, Alla tagala olary bilmez», diýýänlerdir».[2]

5) Beýhaky, Rabi'a ibn Süleýmandan şeýle rowaýat edýär:

«Ymam Şafyg, kadariniň yzynda namaz okamaklygy halamazdy».[3]

Iman baradaky sözleri.

Ibn Abdul-Ber rowaýat etmeginde, Rabi'a aýtdy: «Ymam Şafygynyň şeýle diýenini eşitdim: «Iman bu – sözde, amalda, we ýürekde ynanç bilen bolýandyr, eýsem sen Alla tagalanyň şu sözüne ser salmadyňmy ?

«Alla siziň imanyňyzy puja çykarmaz». (El-Bakara:143).

Ýagny, siziň Aksa metjidine tarap bakyp okan namazlaryňyzy, Ol namazy iman diýip atlandyrdy, namazda hem söz, amal, we ýürekde niýet jemlenendir.[4]

Beýhaky, Rabi'a ibn Süleýmandan rowaýat etmeginde aýtdy:

«Şafygynyň şeýle diýenini eşitdim: «Iman bu – sözdür we amaldyr, artýandyr we kemelýändir».[5]

---

[1] Ebu Dawut kitabus-Sünne "Kadar" baby 5/66 hadys-4691. Hakim "Mustedrok" 1/85. Iki hem ibn Hazimiň ibn Omardan rowaýat eden ýolundan – rowaýat edendirler. Hakim bu hadys barada şeýle diýdi: "Eger Ebu-Hazim ibn Omardan hadysy eşideni dogry bolsa, Buhary we Muslimiň şertlerine görä bu hadys sahyhdyr (dogrydyr)".Ymam Zehebi (Türkmen) hem muny ykrar edendir.

[2] Menakybuş-Şafygy 1/413.

[3] Menakybuş-Şafygy 1/413.

[4] El-intiko sah-81.

[5] Menakybuş-Şafygy 1/387.

Beýhakynyň rowaýat etmeginde, Ebu-Muhammet Zubeýr aýtdy:

«Bir adam Ymam Şafyga: «Allanyň huzurynda haýsy amal has söýgülidir?» diýdi.

Ymam Şafygy: «Onsuz hiç bir amaly kabul etmejek zadydyr», diýdi.

Ol: «Ol näme bolar?», diýip sorady.

Ymam Şafygy: «Ondan başga ybadata mynasyp bolmadyk Alla tagala iman etmekdir», diýdi. Bu amallaryň iň ýokary derejesi, iň belent mertebelisi, we iň uly nesibelisi hem şoldur».

Ol adam: «Maňa iman hakynda aýdyp berip bilmermiň? Iman söz we amalmy ýa amalsyz diňe sözmüdir», diýdi.

Ymam Şafygy: «Iman Alla üçin bolan amaldyr, emma söz bolsa onuň bir bölegidir».

Ol: «Maňa ony gowy düşünerim ýaly, beýan edip berermiň?», diýdi.

Ymam Şafygy: «Imanyň hallary, derejeleri, we gatlary bardyr. Olardan käbiri: Doly bolup, kämillige ýeten imandyr. Käbiri kemli bolup, onuň kemligi belli bolup durýandyr. We has artyp duran iman, onuň artmagy sebäplidir.

Ol adam: «Kämil bolmadyk iman artyp – kemelýärmidir?», diýdi.

Ymam Şafygy: «Hawa», diýdi.

Ol: «Onuň delili nämedir?», diýdi.

Ymam Şafygy: «Alla tagala adam oglunyň beden agzalaryna iman etmegi parz etdi we muny agzalaryna bölüp paýlady.We Alla tagala adamyň beden agzalarynyň birine iman buýrup, beýlekisine bolsa buýrmadyk agzasy ýokdur. We ol

agzalardan biri, onuň kalbydyr,ol onuň bilen akyl işledýär, we düşünip bilýändir. Kalp ynsan bedeniniň buýrujysydyr, beýleki agzalary oňa garşy gitmän, onuň çykaran permany, buýrugy bilen ýöreýändir.

Ol beden agzalardan, seredýän gözleri, eşidýän gulaklary, tutýan iki eli, ýöreýän aýaklary, şehwetini kanagatlandyrýan owratydyr, gepleýän ýüregi we dili, ýüzi ýerleşdirilen kellesidir.

Kalba parz edilen, onuň diline parz edileninden, we gulaga parz edilen, iki göze parz edileninden, iki ele parz edilen, iki aýaga parz edileninden parhlydyr. Ynsanyň owratyna parz edilen, onuň ýüzüne parz edilenden tapawutlydyr.

Kalba parz edilen zat bu – Alla tagaladan başga çagyrylara-ýykylynara, ybadat edere mynasyp ylah (çokunylýan) ýokdugyna, Onuň ybadatda şärigininiň ýokdugyna, we Onuň ýan ýoldaşynyň ýada öwladynyň ýokdugyna, we Muhammet – sallallahu aleýhi wesellem – Onuň guly we ilçisidigini kabul etmek, tanamak, ynanmak, razy bolmak, we özüni doly tabşyrmaklyk imandandyr. Alla tagalanyň iberen pygamberini we inderen kitaplaryny kabul etmeklik, Alla tagalanyň kalba parz eden amallaryndan-dyr.

Alla tagala aýtdy: «Kim, Alla iman getirenden soň (ýene) kapyr bolsa, (Allanyň gazabyna duçar bolar). Ýöne kimiň kalby iman bilen doly bolup, (dili bilen Allany inkär etmeklige) mejbur edilse (kapyr bolmaz). Emma kim köňlüni kapyrlyga açsa, olaryň üstüne Alladan gazap (iner). Olar üçin uly azap bardyr». (Nahl:106).

«Olar iman getiren we Allany zikir etmek bilen kalplary aram tapan kişilerdir». (Ra'd:28).

«Eý, pygamber! Dilleri bilen «iman getirdik» diýip, (emma) kalplary iman getirmedik (mynapyklaryň) we ýahudylaryň

küpüre howluganlaryň (bu ýagdaýy) seni gynandyrmasyn». (Mäide: 41).

«Siz içiňizdäkini äşgär etseňiz hem, gizleseňiz hem, Alla sizden olaryň hasabyny sorar». (Bakara: 283).

Bular Alla tagalanyň iman taýdan kalba buýran amallaryndan-dyr, bu imanyň özenidir.

Alla tagala dile sözlemegi we kalbyň ynanan we ykrar eden zadyny aýtmaklygyny parz edendir. Alla tagala aýtdy:

«Alla iman etdik», diýiň». (Bakara:136).

«Ynsanlara gözel söz sözläň». (Bakara:83).

Alla tagala dile sözlemekligi we kalpdaky ykrar edenini zadyny diline getirip aýtmaklygy parz edendir. Bu (ýagny, onuň ýüregindäki iman etdim diýmegini dilinde aýtmaklygy bolsa,) diliň amalyndan-dyr, we iman etmeklikde onuň borjy hem şudur.

Alla tagalanyň gulaga Onuň haram eden zatlaryny diňlemeklikden päk bolmaklygy, we gadagan eden zatlaryny diňlemeklikden gaça durmaklygy buýrandyr.

Alla tagala bu babatda şeýle diýdi: «(Alla) size kitapda: «Allanyň aýatlarynyň inkär edilýändigini we olaryň üstünden gülünýändigini eşiden wagtyňyz, başga gürrüňe geçýänçäler, olaryň ýanynda oturmaň!» diýip aýat inderipdi. (Eger otursaňyz), takyk, siz hem (ol aýata amal etmändigiňiz üçin) şolar ýaly bolarsyňyz. Takyk, Alla mynapyklaryň we kapyrlaryň hemmesini dowzahda bir ýere jemlär». (Nisä:140).

Soňra Alla tagala muny unudyp edeni bu kada-dan çykaryp, şeýle diýdi:

«Sen Biziň aýatlarymyz hakda (dil ýetirip) gümra bolup oturanlary görseň, tä ondan başga gepe girişýänçäler olardan

ýüz öwür! Eger şeýtan (muny saňa) unutdyrsa, ýadyňa düşen badyna, ol zalymlar topary bilen oturma!». (El-Engam:68).

«Taguta (Alladan özgä) ybadat etmekden (we şeýtana uýmakdan) saklanyp, (çyn ýürekden) Alla ýönelenler üçin hoş habar bardyr. Onda (sen ol) bendelerimi hoş habar bilen söýünjile! Olar (möminler) özlerine aýdylan söze gulak asarlar we iň ýagşysyna eýererler. Ine, Allanyň dogry ýoluna gönükdiren adamlary şolardyr. Hakyky manyda akyllaryny ulanyp bilýänler hem şolardyr». (ez-Zumar:17-18).

«(Aşakdaky wasplary özlerinde jemleýän) möminler (bagtyýarlyga ýetip) halas bolarlar. Olar namazlaryna pespällik, doly edeplilik bilen durýandyrlar. Olar biderek gürrüňlerden ýüz öwürýändirler. Olar zekat berýändirler». (El-Mu'minun: 1 - 4).

«Olar boş zatlary eşitseler, ondan ýüz öwrüp: «Biz öz işimiz bilen bolaly, siz hem öz işiňiz bilen boluň! Salamat boluň, biz nadanlar bilen (iş salyşmak) islemeýäris» diýerler». (El-Kasas:55).

«Olar ýalana şaýatlyk etmezler, ýerliksiz sözlere duş gelenlerinde bolsa, agraslyk bilen geçip giderler». (El-Furkan:72).

Bu Alla tagalanyň gulaga eşitmegi halal bolmadyk zatlardan gaça durmagy parz etmegi şundan ybadaratdyr. Bu hem imandan bolan, gulagyň amalydyr.

Alla tagala gözlere haram zatlara we gadagan eden zatlaryna seretmekden saklanmagy buýrandyr. Alla tagala aýtdy:

«(Eý, Muhammet!) Mömin erkeklere aýt: «Gözlerini (nämährem aýallara seretmekden) saklasynlar we ujytlaryny (haramdan) gorasynlar». Bu olar üçin has arassa ýoldur. Takyk, Alla olaryň edýän zatlaryndan habardardyr. Mömin aýallara hem

aýt: «Gözlerini (nämährem erkeklere seretmekden) saklasynlar we eteklerini (jynsy agzalaryny haramdan) gorasynlar, (geýimlikä) görünýän ýerlerinden galan beýleki zynatlaryny (beden agzalaryny nämähremlere) görkezmesinler. Ýaglyklary bilen gursaklarynyň üstüni ýapsynlar. Olar ýanýoldaşlaryndan, kakalaryndan, gaýnatalaryndan, öz ogullaryndan, ýanýoldaşynyň ogullaryndan, erkek doganlaryndan, erkek doganlarynyň ogullaryndan, aýal doganlarynyň ogullaryndan, (özlerine degişli hyzmarkär zenan ýa-da özleri ýaly musulman) aýallardan, şeýle hem gol astyndaky (gul-gyrnaklardan), aýallara (jynsy) duýgusy galmadyk erkek (hyzmatkärlerden), aýallaryň uýat ýerlerinden bihabar çagalardan başgalara beden agzalaryny görkezmesinler. Ýöränlerinde gizlin bezeglerini görkezjek bolup (özlerine üns çekiljek derejede) ýöremesinler. Eý, iman getirenler! Halas bolmagyňyz üçin hemmäňiz Alla toba ediň! «(en-Nur:30-31).

Bu iki aýatda biri beýlekisiniň owrat ýerine seretmesizligini we ol öz owratyny keseki gözlerden goramagyny buýrulandyr.

Alla tagalanyň kitabynda (Kuranda) owraty goramak diýip gelen aýatlaryň hemmesi, zynadan goralmak manyda-dyr. Emma bu ýokarky iki aýatda bolsa, gözleriň haram zada seretmekliginiň haramlygy barada-dyr.

Bu Alla tagalanyň gözlere haram zatlara seretmekliginden parz etmegidir, çünki bu imandan bolan gözleriň amalyndan-dyr.

Soňra bir aýatyň içinde, kalba, gulaga, we göze parz eden zatlary barada şeýle diýdi:

«(Anyk) bilmeýän zadyňa eýerme. Çünki gulak, göz we kalp (bularyň ählisi) ondan (anyklaman eýeren zadyndan) jogapkärçilige çekiler». (El-Isra:36).

Alla tagalanyň adamyň owratyna gadagan eden zady diýmeklik, ýagny ony haram edenlerine eltmesizligidir. Alla tagala aýtdy:

«Olar jynsy agzalaryny (namyslaryny) goraýandyrlar». (el'Muminun:5).

«Siz gulaklaryňyzyň, gözleriňiziň, derileriňiziň öz garşyňyza şaýatlyk etmeginden çekinmeýärdiňiz, gaýtam edýän işleriňiziň köpüsini Alla bilmez öýtdüňiz». (Fussylet:22).

Derileriňiziň: «diýmekliginden» maksat, ýagny «owratlaryňyzdan» we «butlaryňyz» manyda-dyr.

Bu Alla tagalanyň owratlary haramdan saklamaklyk baradaky buýrugydyr, bu hem onuň amalyndan-dyr.

Alla tagalanyň ellere parz eden zady, onuň bilen Alla tagalanyň haram eden zatlaryny ellemän, gaýta sadaka bermek, garyndaşyk gatnaşyklaryny etmek, Allanyň ýolunda jihät etmek, we bäş wagt namaz üçin täret almak ýaly Allanyň emr eden zatlaryna ulanmaklygy parz edendir.

Bu babatda Alla tagala şeýle diýdi: «Eý, iman getirenler! Namaz (okamak) üçin turanyňyzda, ýüzleriňizi we tirsekleriňize çenli elleriňizi ýuwuň, başlaryňyza mesh ediň we iki topuklaryňyza çenli aýaklaryňyzy ýuwuň! Eger ini hapa bolsaňyz, (gowy edip) ýuwnuň! Eger hassa ýa-da ýolagçy bolsaňyz, ýa-da siziň biriňiz aýak ýolundan gelen bolsa, ýa-da siz aýallaryňyza ýanaşan bolsaňyz we (ýuwnar ýaly) suw tapmasaňyz, päk toprak bilen teýemmum (teýim) ediň! (Ýagny) ýüzleriňize we (iki tirsegiňize çenli) elleriňize mesh ediň! Alla size kynçylyk döretmek islemeýär, emma sizi (günälerden) päklemek we (diniň hökümlerini beýan edip) Öz nygmatyny size doly bermek isleýär. (Bular) siziň (Alla) şükür etmegiňiz üçindir». (El-Mäide:6).

«Siz (söweşde) inkär edenler bilen ýüzbe-ýüz bolanyňyzda, (dessine olaryň) boýunlaryny uruň (goparyň)! Olary mazaly ýeňlişe sezewar edeniňizden (soň), olary (ýesir alyp), mäkäm daňyň! (Söweşden) soň olary, isle, rehim edip (goýberiň), isle-de, fidýe (töleg hakyny) alyp (goýberiň)...». (Muhammet: 4).

Çünki, urgy, söweş, garyndaşyk gatnaşyklary, we sadaka eliň amallaryndan-dyr.

Alla tagala aýaklara, haram eden zatlaryna tarap ýöremekligini gadagan edendir.

Alla tagala aýtdy: «Ýer ýüzünde men-menlik edip (gomparyp) ýöreme. Çünki sen hiç haçan ýeri hem ýaryp bilmersiň we uzalyp daglara hem ýetip bilmersiň». (El-Isra:37).

Alla tagala ýüze gije-gündiz, we namaz wagtlarynda sežde etmekligi buýrandyr, bu babatda Alla tagala aýtdy:

«Eý, iman getirenler! Maksada ýetmegiňiz (azapdan halas bolmagyňyz) üçin rukug we sežde ediň, Perwerdigäriňize gulluk ediň we haýyrly iş ediň!». (El-Haj:77).

«Takyk, metjitler Allanyňkydyr. Bes, (metjitlerde) Allanyň ýany bilen başga hiç kimi çagyrmaň!» (El-Jin:18).

Metjitler diýmekliginden maksat: adam ogulynyň namazynda maňlaý we ş.m. agzalary bilen sežde edýän ýeridir».

Ymam Şafygy soňra şeýle dowam etdi: «Bular Alla tagalanyň beden agzalara buýran parzlaryndan-dyr.

Allanyň resuly Muhammet – sallallahu aleýhi wesellem – namazda wagty onuň ýüzüni «Beýtul-Makdisden» Käbä tarap öwürende, Öz Kitabynda (Kuranda) täreti we namazy iman diýip atlandyrandyr. Musulmanlar ol wagta çenli on alty aýlap «Beýul-Makdise» çenli namaz okapdylar.

Şonda Sahabalar –Alla olardan razy bolsun – aýtdylar: «Biziň «Beýtul-Makdise» tarap bakyp okan namazlarymyzyň we biziň halymyz nähili bolarka? (ýagny, Ol namazlar kabul bolarmyka ýada bary puja çykarmyka?)» diýip soranlarynda, şu aýat indi:

«Alla siziň imanyňyzy puja çykarmaz». (El-Bakara:143).

Alla tagala ýokarky aýatda namazy iman diýip atlandyrandyr.

Kim Alla tagalanyň emrine boýun bolup, namazlaryny bitirip we beden agzalaryny haramdan gorap, ähli agzalary bilen Alla tagalanyň olara buýran parzlaryny, wajyplaryny bitirse, Kyýamat Güni Alla taga imany kämil halda gowşar we ol jennetidir.

Emma kim Alla tagalanyň parz eden, buýran zatlarynda birisini bilgeşleýin terk etse, Kyýamat Güni Alla tagala imany kem halda duşar.

Ol adam: «Men imanyň kemligine we kämilligi barada indi düşündim, emma onuň artýanlygyny nirden aldyň?»diýdi.

Ymam Şafygy aýtdy: «Bu babatda Alla tagala şeýle diýdi:

«(Täze) bir süre inderilende, olaryň käbiri: «Eýsem, bu (inen zat siziň haýsyňyzyň imanynyňyzy artdyrdy?» diýýärler. Emma bu inen (wahyý) iman getirenleriň imanyny artdyrar we olar (begenişip birek-birege) söýünjilärler. (Ýöne bu) kalplarynda (küpür we ikiýüzlilik) hassalygy bolanlaryň inkärlerini has-da artdyrdylar. Olar hem kapyr bolup öldüler». (Töwbe:124-125).

«(Eý, Muhammet!) Biz saňa olaryň habaryny hakyky (bolşy ýaly edip) beýan edýäris. Takyk, olar özleriniň Perwerdigärine iman getiren ýigitlerdi. Biz olaryň dogry ýolda berk durmaklaryny has-da artdyrdyk». (El-Kehf:13).

Eger imanda kemelmek we artmak diýilýän zat bolmasa-dy, adamalaryň biriniň beýlekisinden artykmaçlygy bolmazdy, olar bir dereje bolardylar, we imanda birek-birekden üstünlik aradan aýyrlardy. Emma imanlarynyň kämilligi sebäpli möminler jennete girdiler, imanyň artykmaçlygy sebäpli bolsa, Alla tagalanyň huzurynda olar biri-birinden has ýokary derejelere ýetdiler. Imanynyň pes bolmagy sebäpli hem günäkärler jähenneme girerler.

At-çapyşyk güni atlaryň arasynda ýaryş gurnalyşy ýaly, Alla tagala Öz gullarynyň arasynda (haýrda) ýaryş gurandyr. Soňra olar ýaryşdaky derejelerine görä bolarlar. Alla tagala her kişini öz ozup ýeten derejesine görä sylaglajakdyr, olaryň biriniň hem hakyny kem etmez, we ozulyp geçileni, ozanyň öňüne geçirmez, we derejesi pesi, derejesi üstün kişiniň öňüne geçirmez.

Şonuň üçin hem Alla tagala bu ymmatyň irki nesillerini, onuň soňkusyndan artyk etdi. Eger-de imanda öňdeler, imanda yzda bolanlardan üstün bolmasa-dy, bu ymmatyň soňkylary, imanda üstün bolan irkileriň yzyndan ýeterdiler».[1]

***

[1] Menakybuş-Şafygy 1/413.

## Şafygynyň sahabalar barada aýdan sözi

Beýhakynyň rowaýat etmeginde, Ymam Şafygy şeýle diýdi:

«Alla tebärek we tagala öz ilçisiniň sahabalaryny, Kuranda, Töwratda we Injilde öwendir. Resulallanyň dilinde olardan başga hiç-kime berilmejek fazylat barada aýdylandyr. Alla tagala olara rehmet edip, olary syddyklaryň, şehitleriň we salyhlaryň derejelerine ýetirendir. Olar bize Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň – sünnetini (hadyslaryny) ýetirip gidendirler. Olar ony (Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemi) wahy inip durka görendirler. Olar umumy we aýratyn, berk buýruk we nesihat taraplardan Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň – isleýşi ýaly düşünendirler. Olar biziň bilen we bilmedik sünnetlerimizi bilendirler . Olar ähli ylymda we yhlasda, takwalykda we akylda, delillerden höküm çykarmakda bizden öňdedirler . Olaryň oýlary biz üçin, öz has gymmat we öwgülidir.[1]

Beýhakynyň rowaýat etmeginde Rabi'a ibn Süleýman aýtdy:

«Şafygy sahabalaryň derejeleri barada aýdanda: Ilkinji bilen Ebu Bekr, soňra Omar, Osman we Alydyr» diýdi.[2]

Beýhakynyň rowaýat etmeginde, Muhammet ibn Abdullah ibn Abdul-Hakem[3] aýtdy: «Şafygynyň şeýle diýeni-ni eşitdim: «Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemden- soň iň

---

[1] El-intiko saH-81.

[2] Menakybuş-Şafygy 1/432.

[3] Onuň ady: Muhammet ibn Abdulla ibn Abdul-Hakam El-Misri Ebu-Abdulla. Şeýruziý ol barada şeýle diýdi: "Ymam Şafygynyň elinde fykh okan, "Synag" wagty (hökümet tarapyndan alymlara "Mu'tezile" akydasyny zor bilen kabul etdirjek bolanlar) Bagda-da Ibn Ebi Da'uda ( Ahmet ibn Ebi-Da'ud – ähli-sünnet alymlaryna ezýet berenleriň başlaryna, şol wagtky mutezileleriň uly kazysyna ) getirilýär. Ol özünden talap edilen zada berilmän,soň ýene Müsüre getirilýär. Seret:"Tabakatul-Fukaha" sah-99, we Şezerotuz-Zeheb 2/154.

ýagşy adamlar bular: Ebu Bekr, Omar, Osman, we Alydyr –Alla olardan razy bolsun».[1]

Harawiniň rowaýat etmeginde, Ýusuf ibn Ýahýa El-Buweýtyý aýtdy: «Şafygydan, rafyzynyň (şaýynyň, şiganyň) yzynda namaz okaýynmy?», diýip soramda, ol: «Ne rafyzynyň, ne kadarynyň, ne-de murjianyň yzynda namaz okyjy bolaýma», diýdi.

Men: «Olar barada aýdyp bermezmiň?», diýdim.

Ol: «Kim: «Iman sözden ybaratdyr», diýse ol «Murjiedir»«.Ebu Bekr we Omar ymam däldir» diýen, «Rafyzydyr». Kim her zat öz islegi bilen bolýandyr diýse ol «Kadarydyr» .[2]

***

[1] Menakybuş-Şafygy 1/433.
[2] Zemmul Kelam 215-k, Ymam Zehebi (Türkmen) "Siýar" 10/31.

## Şafygynyň kelamdan we dinde jedel etmeklikden gaýtaran sözleri.

Harawiniň rowaýat etmeginde,Rabi'a ibn Süleýman aýtdy:

«Şafygynyň şeýle diýenini eşitdim: «..».Eger bir adam öz ylym kitaplaryny başga birine wesýet etse, olaryň içinde-de kelam kitaplary bolsa, onda onuň wesýetinden – wesýet bolmaz, çünki kelam ylym däldir».[1]

Harawiniň rowaýat etmeginde, Hasan El-Za'faraniý şeýle diýdi: «Şafygynyň şeýle diýenini eşitdim: «Kelam barada diňe bir adam bilen dawa giripdim, şol işimden men Alladan ötünç soraýaryn».[2]

Harawiniň rowaýat etmeginde,Rabi'a ibn Süleýman aýtdy: «Şafygy aýtdy: «Her bir bidgatça garşy uly kitap ýazaýyn diýsem ýazardym, ýöne kelam meniň işim däl, ondan bir zat maňa ýöňkelmegini islemeýärin».[3]

Ibn Battanyň rowaýat etmeginde, Ebu Sewr şeýle diýdi: «Kelam lybasyny geýip soňra hem baýnan hiç kimi görmedim».[4]

Harawiý rowaýat etmeginde, Ýunus El-Misri aýtdy: «Şafygy aýtdy: «Alla tagalanyň bir adamy şirkden aşakdaky günäler bilen synamagy, kelam bilen synag edeninden onuň üçin has haýyrlydyr».[5]

Bu Ymam Şafygynyň usul-ed-Din (akyda, ynanç) baradaky sözleri we kelam ylymyna bolan gatnaşygy.

---

[1] Zemmul Kelam 213-k, Ymam Zehebi (Türkmen) "Siýar" 10/31.
[2] Zemmul Kelam 213-k, Ymam Zehebi (Türkmen) "Siýar" 10/31.
[3] Zemmul Kelam 215-k.
[4] El-Ibänätul-Kubro,sah-535-536.
[5] Manakybuş-Şafygy libni-Ebi Hatym sah-182.

# BÄŞINJI BÖLÜM

## Ymam Ahmediň -Alla oňa rehmet etsin-akydasy

### Ymam Ahmediň töwhid hakyndaky sözleri

«Tabakatul-Hanabila» kitapda gelişi ýaly[1], Ymam Ahmetden «tewekkul» (daýanmaklyk) barada soralanda, ol: «Adamlardan bolan tamaňy kesmeklikdir» diýip jogap berýär.

«El-Mihne»[2] atly kitapda Ymam Ahmet şeýle diýdi:

«Alla tagalada elmydama geplemeklik sypaty bardyr. Kurany-Kerim hem Alla tagalanyň sözi bolup, ol hiç hili ýaradylan däldir. Alla tagalanyň Özüni wasp edişinden artyk Ony wasp etmek bolmaz.

Ibn ebi-Ýa'lanyň rowaýat etmeginde, Ebu-Bekr El-Merwezi aýtdy: «Ymam Ahmetden, «Jähmileriň» Alla tagalynyň sypatlaryny, Ony Kyýamat Güni görmekligi, Isra (gijesiniň habary baradaky) we Arş hakyndaky hadyslary soranymda, ol ol hadyslary dogry saýdy we: «Ymmat olary gelişi ýaly kabul etdi, we ol hadyslar (indiki nesillere) gelişi ýaly geçirilýändir».[3]

Abdulla ibn Ahmet «Sünnet» kitabynda aýtdy: «Ymam Ahmet aýtdy: «Kimde-kim Alla geplemeýär» diýse ol kapyrdyr, biz bu hadyslary gelişi ýaly kabul edýändiris». [4]

Läläkäiniň[5] rowaýat etmeginde,haçanda Hanbal Ymam Ahmetden Kyýamat Güni Allany görmeklik barada soranda, ol:

---

[1] Tabakatul-Hanabila 1/416.
[2] Kitabul-Mihne sah-68.
[3] Tabakatul-Hanabila 1/56.
[4] Es-sünne sah-71.
[5] Onuň ady: Hanbel ibn Ishak ibn Hanbel ibn Hiläl ibn Esed Ebu-Aly Eş-Şeýbäniý, ol Ahmet ibn Hanbeliň (plan kakasynyň) ogludyr. Hatyb el-Bagdadyý ol barada şeýle diýdi: "Hadys alynmakda ynamdar, hijriýetiň 273-nji ýylynda aradan çykan. Seret:Taryh-Bagdad – 286-287, "Tabakatul-Hanabila" 1/143.

«Dogry (sahyh) hadyslara iman edýäris we olardaky habarlary tassyk edýäris, we Pygamber – sallallahu aleýhi wesellemden – rowaýat edilen «ýagşy senetli» hadyslara iman we ykrar edýäris».[1]

Ibn El-Jewziý öz «Manakyb» kitabynda, Ymam Ahmet ibn Hanbeliň, Musededä[2] ýazan hatyny şeýle rowaýat edýär:

«Alla talany Özüni nähili sypatlandyran bolsa, şonuň ýaly sypatlandyryň, we Özüne ýöňkelmegi inkär eden sypatlary siz hem inkär ediň».[3]

Ymam Ahmet öz «Jähmilere jogap» diýen kitabynda şeýle diýdi:

«Jähm ibn Safwan, kim Allany Onuň kitabynda we resulynyň sünnetinde wasp edişi ýaly, wasp edeniň kapyrdygyny we «Muşebbihelerden-digini» aýdyp, ýalan sözledi (za'm etdi)».[4]

Ibn Teýmiýýe «Dür» kitabynda, Ymam Ahmediň sözüni şeýle rowaýat edýär:

«Biz Alla tagalanyň Öz isleýşi ýaly we Öz islän görnüşinde, bir kişiniň Onuň sypatyna çäk goýmagy ýaly, ýada biriniň Oňa bir sypat berişi ýaly däldigine iman getirýäris. Alla tagalanyň sypatlary Ondandyr we Onuňkydyr, Ol Özüni wasp edişi ýalydyr, Ony göz gurşap alyp bilmez».[5]

Ibn Ebi-Ýa'lanyň rowaýat etmeginde, Ymam Ahmet aýtdy:

---

[1] Şerh igtikod ählus-sünne wel-jemaga 1/507.

[2] Musedded ibn Muserhed ibn Muserbel el-Esediý el-Basri, Ymam – Zehebi ol barada şeýle diýdi: "Ymam, hafyz, tanymal alym, hijriýetiň 228-nji ýylynda aradan çykýar." Ymam Zehebi "Siýar" 10/591. Tehzibut-Tehzib 10/107.

[3] Menakyb Ymam Ahmet sah-221.

[4] Er-Roddu Alal-jähmiýýe sah-104.

[5] Dur'u ta'rudul Akly-we-Nakl 2/30.

«Kim Alla tagala Kyýamat Güni görünmeýär» diýse, ol kişi kapyrdyr, ol Kurany ýalan saýandyr».[1]

Ibn Ebi-Ýa'lanyň rowaýat etmeginde, Abdulla ibn (ogly) Ahmet aýtdy: «Kakamdan: «Alla tagala Musa bilen gürleşende, ses bilen gürleşmedi» diýýän adamlar barada soramda, ol:

«Alla Musa bilen sesli gürlesendir, biz bu hadyslary gelişi ýaly rowaýat edýändiris», diýdi.[2]

Läläkäiniň rowaýat etmeginde, Abdulla ibn Abdus ibn Mälik El-Attor aýtdy: «Ebu-Abdulla Ymam Ahmet ibn Hanbeliň şeýle aýdany-ny eşitdim: «Kuran Allanyň kelamydyr, ol mahluk (ýaradylan) däldir, we: «Mahluk däl» diýmek üçin hem hiç ejizlemegin, çünki Allanyň kelamy Ondan-dyr we Ol (Alla tagala) hem ýaradylan däldir».[3]

***

[1] Tabakatul-Hanabila 1 / 59, 145.
[2] Tabakatul-Hanabila 1 / 185.
[3] Şerh Usul I'tikod ählus-sünne wel-jema'a 1/157.

## Takdyr barada aýdan sözleri

Ýazgydyň haýryna we şerine, süýjüsine we ajysyna iman edýär..»..[1]

Hallalyň rowaýat etmeginde, Ebu-Bekr El-Merwezi aýtdy:

« Ebu-Abdulla (Ymam Ahmet): «Haýyr we ýaman bendelere ýazgyt edilip ýazylanmydyr?», we ýene-de: «Alla haýry we ýamany ýaratdymy?», diýip soralanda, ol: «Hawa, Alla ýazgyt etdi», diýip jogap berýär.[2]

Ymam Ahmediň «Sünnet» kitabynda şeýle diýilýär:

«Ýazgydyň haýry we şeri, köpi we azy, gizlini we äşgäri, süýjisi we ajysy, ýakymlysy we ýakymsyzy, ýagşysy we ýamany, owaly we ahyry Allanyň hökümi bilendir. Gullaryna takdyrlap goýandyr, ýazgydyny belländir. Hiç-kim Allanyň isleginden çykmaz, ýazan ýazgydyndan hem geçmez».[3]

Hallalyň Muhammet ibn Harundan,ol bolsa, Ebu Harysdan rowaýat etmeginde şeýle diýdi: «Ebu Abdulla (Ymam Ahmediň) şeýle aýdany-ny eşitdim: «Alla tagala tagat-ybadaty we günäleri, haýry we ýamany ýazgyt edip ýazandyr. Bendelerden kim bagtly diýilip ýazylsa, bagtly bolup ol kişi jennetidir, olardan kim betbagt diýilip ýazylsa, betbagt bolup ol jähennemi bolar».[4]

Abdulla ibn Ahmet aýtdy: «Ali ibn Jähm kakamdan, ýazgyt barada (ýalňyş) gürläniň kapyr bolýandygy hakynda soranda, ol: «Eger Allanyň ylmyny inkär edip: «Alla tä ylmy ýaradynça bilen däldir «diýip, Allanyň ylmyny inkär etse, ol kişi kapyrdyr», diýeni-ni eşitdim».[5]

---

[1] Manakyb Ymam Ahmet sah-169,172.
[2] Es-sünne lil-Hallal 85-k
[3] Es-sünne sah-68.
[4] Hallalyň, Es-sünne kitaby sah- 85-k
[5] Abdulla ibn Ahmediň, Es-sünne kitaby sah-119.

Abdulla ibn Ahmet aýtdy: «Bir gün men kakamdan kadarynyň yzynda namaz okamaklyk barada soranymda ol: «Eger dawa edip öz ýoluna çagyrýan bolsa, yzynda namaz okama» diýdi.[1]

***

[1] Es-sünne sah- 384.

## Onuň iman barada aýdan sözi

Ibn Ebi-Ýa'lanyň rowaýat etmeginde, Ymam Ahmet aýtdy:

«Imanyň iň ýagşy alamaty, Alla üçin söýmek we Alla üçin ýigrenmekdir».[1]

Ibn El-Jewziniň rowaýat etmeginde, Ymam Ahmet aýtdy: «Hadysda gelişi ýaly iman, artýandyr we kemelýändir: «Möminleriň iman taýdan iň kämili, ahlak taýdan olaryň iň ýagşysydyr[2]..».[3]

Hallalyň, Süleýman ibn Eşhesden[4] rowaýat etmeginde görä şeýle diýdi: «Ebu Abdulla aýtdy: «Namaz, zekat, haj we ýagşy amallar imandandyr, günäler imany kemeldýändir». Abdulla ibn Ahmet aýtdy: «Kakamdan: «Iman söz we amal, artýar we kemelýär» diýip, ýöne (imanda) «istisnä» etmeýän kişi murjiemidir?» diýip soramda, ol: «Murjie däldir diýip umyt edýärin», diýdi.[5]

Allanyň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň - gabyr eýelerine aýdan: «Inşa Alla biz hem size gowuşarys» diýen hadysy, (imanda) «istisnä» etmeýänlere garşy delildir»[6], diýdi.[7]

Abdulla ibn Ahmet aýtdy: «Kakamdan – Alla oňa rehmet etsin- «Irjä» (murjie akymynyň imandaky ynanjy) barada soramda, ol: «Biz:»Iman – söz we amal, artýar we kemelýär,

---

[1] Tabakatul-Hanabila, 2/275.

[2] Ymam Ahmet "Musned" 2/250. Ebu-Dawut kitabus-sünne 5/60, hadys – 4682. Tirmizi "er-Rido'"3/458, hadys-1162.Ähलisi Ebu-Selemäniň Ebu Hureýreden rowaýat eden hadysynyň ýoly bilen – rowaýat etdiler. Tirmizi bu hadysa: "Hasan sahyh " diýdi.

[3] Manakybul Ymam Ahmet sah-173, ýene-de 168, 153.

[4] Onuň ady: Ebu-Dawut Süleýman ibn Eş'as ibn Ishak es-Sijistäniý "Sünen" kitabyň awtory. Ymam Zehebi (Türkmen) ol barada şeýle diýdi: "Ymam, ynamdar hadys rowaýat ediji, Kuran we hadys ýat tutan hafyzlar hojaýyny. Hijriýetiň 275 – nji ýylynda aradan çykan. Seret:Tezkirotul-Huffaz 1/591, Taryh-Bagdad 9/55.

[5] Hallalyň es-Sünne kitaby 96-k

[6] Muslim kitabul-Jenäiz 2/669, hadys-473 Atanyň Aişe enemizden rowaýat eden ýolundan.

[7] Abdullanyň es-Sünne kitaby 1/307-308.

eger adam zyna edip, şerap içse onuň imany kemelýändir», diýýändiris.[1]

Sahabalar barada aýdan sözleri.

Ymam Ahmediň «Sünnet» atly kitabynda şeýle rowaýat edilýär:

«Resulalla – sallallahu aleýhi wesellemiň- sahabalarynyň ýagşylyklaryny ýatlap, ýamanlyklaryndan we olaryň arasynda bolup geçen dawa-jenjelden saklanmak sünnetdendir (dogry ýoldur). Kim Resulallanyň sahabalaryna ählisine ýa-da olaryň birine sögse ol bidgatçydyr, pis,hapa rafyzydyr (şygadyr,şaýydyr), Alla ol adamdan parz we nepil namazlaryny kabul edýän däldir. Gaýta onuň tersine, sahabalary söýmek sünnetdendir (hak ýoldur), olara ýagşy doga-dileg etmek Alla bolan ýakynlykdyr, olaryň yzyna eýermek Allanyň razylygyny gazanmagyň ýoludyr, olaryň bize ýetiren ylymlaryna almak we eýermek uly derejedir».[2]

2) «Resulalla – sallallahu aleýhi wesellemiň- sahabalary, dört çaryýarlardan soň iň gowy adamlardyr. Hiç kime olaryň ýamanlyklaryndan bir zat aýtmaklygy, ýada olaryň bir aýyplary ýada kemlikleri bilen olara söwmek bolýan däldir, kim ol sözleri diýip haksyzlyk etse, musulman soltana ony jezalandyryp, edep bermegi wajypdyr.[3]

3) Ibni Jowziý öz kitabynda ymam Ahmediň Museddede ýazan şahsy hatynda şeýle sözleri ýatlaýar: «Resulallanyň şaýatlyk eden on sahabasyna jennet bilen şaýatlyk edýäris: Ebu Bekr, Omar, Osman, Ali, Talha, Zubeýr, Sad, Said, Abdur-Rahman

[1] Abdullanyň es-Sünne kitaby 1/307
[2] Kitabus-Sünne Ymam Ahmet sah-77-78.
[3] Manakyb Ymam Ahmet, ibn-Jewziý sah-170.

bin Awf, Ebu Ubeýda bin Jerrah we başga-da Resulallanyň şaýatlyk edenlerine jennet bilen şaýatlyk edýäris».[1]

4) Abdylla bin Ahmed aýtdy: «Men kakamdan ymamlar barada soranymda, ol: «Ilki Ebu-Bekr, soňra Omar, soňra Osman, soňra Alydyr»,diýdi.[2]

5) Abdylla bin Ahmed aýtdy: «Men kakamdan: «Ali halyf däldir», diýýän adamlar barada soranymda ol: «Bu ýaman söz, dereksiz sözdür», diýdi.[3]

6) Ibn Jewziniň rowaýat etmeginde, Ymam Ahmet ibn Hanbel aýtdy: «Alynyň halyflygyny kabul etmeýän adam, öz ülkesiniň eşeginden-de beter azaşandyr».[4]

7) Ibn Ebi-Ýa'lanyň rowaýat etmeginde, Ymam Ahmet aýtdy:

«Aly ibn Ebu-Talyby dördünji halyf diýip kabul etmeýän kişi bilen gep-de alyşmaň, oňa gyzyňyzy hem durmuşa çykarmaň».

Ymam Ahmediň dinde dawa-jedel

barada aýdan sözleri.

Ibni Batta Ebu Bekr Merweziden şeýle rowaýat edýär:

«Ebu Abdullanyň şeýle diýeni-ni eşitdim: «Kim kelam bilen meşgul bolsa, hiç üstünlik gazanmaz, we kim kelam bilen meşgul bolsa,»Jähmi» bolmakdan aman sypmaz».[5]

---

[1] Es-sünne 235.

[2] Es-sünne 235.

[3] Manakyb Ymam Ahmet sah-163.

[4] Tabakatul-Hanabila 1/45.

[5] El-Ibänä 2/538.

Ibn Abdul-Ber, «Jami' beýan El-Ylm» kitabynda, Ymam Ahmetden şeýle rowaýat edýär: «Kelam ylmyny alan hiç wagt utuş gazanmaz, ...[1]

Harawiniň, rowaýat etmeginde Abdulla ibn Ahmet ibn Hanbel aýtdy: «Kakam, Ubeýdulla ibn Ýahýa ibn Hokana[2] ýazan bir hatynda şeýle diýdi: «Men kelamçy däldirin, we Allanyň Kitaby we Onuň resuly –sallallahu aleýhi wesellemiň – sünnetindäki başga zatlarda gürlemegi peýdaly hasap etmeýärin. Emma başga zatlarda bolsa kelam bilen gürlemek gowy zat däldir.[3]

Ibn-Jewziniň rowaýat etmeginde, Musa ibn Abdulla et-Tartusi aýtdy: «Ahmet ibn Hanbeliň şeýle diýeni-ni eşitdim: «Kelam ylymyny goldaýanlar bilen, hatda sünneti goran bolsalar-da olar bilen oturyşmaň».[4]

Ibn Battanyň rowaýat etmeginde, ebil-Harys es-Soýigşeýle diýdi: «Kelamy söýen adamyň ýüreginden kelam hiç wagt çykmaz, we kelamçynyň üstünlik gazanany-ny hiç görmersiň».[5]

Ibn Battanyň rowaýat etmeginde, Ubeýdulla ibn Hanbel aýtdy:

«Kakam maňa şeýle gürrüň berdi: «Ebu Abdulla (Ymam Ahmediň) şeýle diýeni-ni eşitdim: «Sünnete we hadysa berk ýapyşyň, olara ýapyşsaňyz Alla size haýr berer, dawa-jenjelden ägä boluň, kelam ylmyny söýenleriň hiç gowulygyň üstünden barmaz, kelam toslan adamyň soňy dinde täze bidgat (toslama

---

[1] Jämig beýanul-Ylm we fadluhu 2/95.
[2] Onuň ady: Ebul-Hasan Ubeýdulla ibn Ýahýa ibn Hakon Türki soňra Bagdadyý . Ymam Zehebi (Türkmen) ol barada şeýle diýdi: " Mutewekkil we Mu'temid halyflar döwründe ... uly wezir ...jomart adam bolan". Ibn Ebi-Ýa'la ol barada şeýle diýen: "Biziň ymamymyzdan köp zatlar rowaýat eden, ol: "Ahmediň şeýle aýdanyny eşitdim: "Haram hem bolmasa-da men özümi soltanyň berjek pulundan çete çekýärin", ol hijriýetiň 263-nji ýylynda aradan çykýar. "Siýar a'lam en-Nubelä" 9/13, Tabakatul-Hanabila 1/204.
[3] Zemmul-kelam k-216-b
[4] Manakybul-Ymam Ahmet sah-205.
[5] Ibn Battanyň "el-Ibänä" kitaby, 2/539.

döretmekden) başga zada eltmez, çünki kelam haýra çagyrýan däldir. Men ne kelamy, ne-de dawa-jenjeli halaýan adam däldirin. Şonuň üçin size peýda berjek sünnete (hadysa), esere (ýagny, Pygamber-sallallahu aleýhi wesellemden- we onuň sahabalaryndan rowaýat edilen ylyma) we fykha eýeriň,

ýoldan azaşanlaryň we dawa-jenjel eýelerini taşlaň. Biz, bizden öňki selefleriň (irki nesilleriň) olaryň bu (aýdýan) zatlaryndan habarlary bolman, bu kelam tarapdarlaryndan gaçanyny gördük. Kelamyň soňy haýra äkitmez. Alla tagala bizi we sizi Pitnelerden (azgynlykdan,küpürden,günälerden) gorasyn we heläkçilikden aman saklasyn! Alla bize we size fitnelerden ýardam bersin we heläk etjek zatlardan aman saklasyn».[1]

Ibn-Batta «El-Inäbä» kitabynda, Ymam Ahmetden şeýle rowaýat edýär: «Kelamy söýýän bir adamy görseň,sen ondan ägä bolgun!».[2]

Bu Ymam Ahmediň usul-ed-Din (akyda, ynanç) baradaky sözleri we kelam ylymyna bolan gatnaşygy şeýledir.

***

[1] Ibn Battanyň "el-Ibänä" kitaby, 2/539.
[2] Ibn Battanyň "el-Ibänä" kitaby, 2/540.

## Sözsoňy

Şunluk bilen bize dört ymamlaryň akyda-da sözleriniň deň gelýändigi , olaryň arasynda diňe iman meselede Ebu Hanifanyň olara garşy gideni ýöne şonda-da onuň ol iman hakyndaky sözünden gaýdandygy aýdylýany aýdyň boldy.

Musulmanlary bir saçagyň başynda jemläp, olary dinde bölünişikden saklap biljek akyda şudur, çünki bu akyda Allanyň kitabyndan we Onuň resuly – sallallahu aleýhi wesellemiň- sünnetinden alynandyr. Bu ymamlaryň akydasyny hakyky bilinmesi ýaly bilip, düşünilmesi ýaly düşünýän juda azdyr. Bu ymamlar şerigat ýazgylaryny (Kurany we hadysy) diňe boş okamaklykdan başga zady bilmeýän ýaly diýen gepler ýaýrady.

Alla tagala wahyýny göýä bir ýöne ýere inderen ýaly !

«(Eý, Muhammet!) Saňa bu mübärek kitaby onuň aýatlary hakda pikirlensinler hem-de akylly adamlar pent-nesihat alsynlar diýip inderdik». (Sod:29).

«Takyk, bu hem (Kuran) älemleriň Perwerdigäriniň inderenidir.

Ony Ruhul-emin (Jebraýyl) getirendir. Ony seniň kalbyňa duýduryjylardan (pygamberlerden) bolmagyň üçin äşgär bolan arap dilinde inderendir». (Şu'aro:192-195).

Takyk, Biz ony, siziň akyl ýetirmegiňiz üçin, arap (dilinde) Kuran edip inderdik.(Ýusuf:2).

Alla tagala kitabyny adamlaryň onuň üstünde akyl işledip, pent-nesihat almaklary üçin inderdir, we Ol kitabyny adamlaryň oňa akyl ýetirip, oňa düşünmekleri üçin aýdyň-açyk arap dilinde inderendir. Onda Alla tagala aýatlary düşünsinler we onuň üstünde akyl işletsinler diýip iberen bolsa, şol dildäki Kitap inderilen adamlara onuň manysyna düşünmek ýeňilleşdirilendir. Soňra-da eger Kurana düşünüp bolmajak bolsa, onuň inderilmeginden ne

peýda ?! Eger ol sözler bir boş manysyz harplardan ybadar bolan bolsa, adamlara inen sözleriň hiç hili peýda bolmazdy.

Bu sözler sahabalara, tabigynlere, we olardan soňra gelen ymamlara garşy edilen bir jenaýatdyr, olaryň dahyly bolmadyk zatda olary aýyplamakdyr. Olar Pygamber- sallallahu aleýhi wesellem- zamanyna ýakyn bolanlyklary sebäpli, Kuranyň sözleriniň manysyna düşünýändirler. Olar gaýta muňa beýlekilerden has haklydyrlar. Olar Kuran we hadysdan düşünen ybadatlary esasynda Alla ybadat edendirler, we ol hak ýol we Alla tagaladan bolan şerigat (din) diýip ygtykat edendirler. Olar ybadat edýän Rebbine eltýän ýoly bilip, indi olar Öz ybadat edýän Allasyny Onuň kämil sypatlary bilen o nähili tanamasynlar, we Alla tagalanyň Özi barada tanadan aýatlaryna nähili düşünmesinler.

Umumuman aýdanymyzda dört ymam akydasy, Kuran we hadysda gelen, arassa gözbaşy bolan, oňa «tä'wilden» (manysyny üýtgetmeklikden), «ta'tyldan» (atlary we sypatlary boşa çykarmaklykdan), «teşbihden» (deňemeklikden), we «temsilden» (meňzetmeklikden) hiç hili tegmil degen däldir.

«Mu'attyl» (atlaryň we sypatlaryň manylaryny boşa çykarýan) we «Muşebbih» (Allany mahluga deňeýän) diňe mahluklara (ýaradylanlara) Allanyň sypatlarynda diňe mahluga laýyk gelmeýän sypatlardan başgalara düşünen däldirler. Bu Allanyň adamlary ýaradan tebigatyna (fytratyna) garşydyr, çünki Alla tagalanyň ne Özüne meňzeş, ýa Onuň sypatlarynda we Onuň işlerinde hiç meňzeşi ýokdur.

Bu kitapçanyň musulmanlara peýdaly bolup, olary Kuran we Sünnet esasynda bir akyda we bir ýolda jemlemegini Alladan dileýärin. Niýetleri Alla bilýändir, Ol bize ýeterlik we gözel wekildir.

Soňky dilegimiz älemleriň Rebbi bolan Alla öwgüler bolsun, we Muhammet pygamberimize – salawatlar we salamlar – bolsun.

***

IslamHouse.com